TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK BITARAPLYK HUKUK ÝAGDAÝYNA ESASLANÝAN GORANYŞ HÄSIÝETLI HARBY DOKTRINAMYZA LAÝYKLYKDA HEREKET EDÝÄN TÜRKMENISTANYŇ ÝARAGLY GÜÝÇLERI GARAŞSYZ WATANYMYZYŇ SARSMAZ GALASYDYR, POLAT GALKANYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
5-nji dekabr, 2025. Belgisi 49/1667



# WATAN GORAGY — ASUDALYGYŇ KEPILI

**3-nji dekabrda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy. Şeýle hem Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, olaryň işini has-da kämilleşdirmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.**

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek, harby gullukçylaryň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak, Watan goragçylarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak babatda ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, Türkmenistanyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasynyň talaplaryna laýyklykda, döwletimiziň goranmak ukybyny has-da berkitmek, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini maksatnamalaýyn esasda ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz ýokary hünärli harby gullukçylary taýýarlamak, olaryň iş we ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça netijeli işleri alyp barmagyň zerurdygyny aýdyp, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Baş prokuror B.Muhamedow geçen on bir aýda kanunlaryň ýerine ýetirilişine, adamyň we raýatyň hukuklarynyň, azatlyklarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek boýunça alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Şeýle-de bu düzüme sanly ulgamy ornaşdyrmak, prokuratura işgärleriniň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak ugrunda görlen toplumlaýyn çäreler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda kanunlaryň hem-de beýleki hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişini berk gözegçilikde saklamagyň möhümdigini belledi we Baş prokurora birnäçe görkezmeleri berdi.

Içeri işler ministri M.Hydyrow ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, şol sanda ministrligi ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde alnyp barlan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, düzgün bozulmalaryň we ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ýangyn howpsuzlygynyň kadalarynyň berjaý edilişine yzygiderli gözegçilik etmek boýunça görlen anyk çäreler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak, ýangyn we ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça işleri mundan beýläk-de netijeli dowam etdirmegiň möhümdigini belledi we bu babatda degişli tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz jemgyýetçilik tertip-düzgünini pugta berjaý etmegiň, ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek işinde sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanmagyň zerurdygyny belläp, ministrligiň ýolbaşçysyna birnäçe görkezmeleri berdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzüminiň şu ýylyň on bir aýynda alyp baran işleriniň netijeleri, kazyýet işini netijeli guramak üçin öňdebaryjy usullaryň we döwrebap tehnologiýalaryň ornaşdyrylyşy, kazyýet ulgamyny ösdürmegiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi, kazylaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerini hem-de raýatlaryň hukuklaryny goramak, kazyýet ulgamyny has-da döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň wajypdygyny nygtap, bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew şu ýylyň ýanwar – noýabr aýlarynda ýurdumyzda jemgyýetçilik hukuk tertibini üpjün etmek boýunça amala aşyrylan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen bir hatarda, ministrligiň öňünde durýan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça alnyp barlan işler barada aýdyldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, milli howpsuzlyk edaralarynyň işini kämilleşdirmek, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça zerur işleri dowam etdirmegiň möhüm ähmiýetini belledi we degişli görkezmeleri berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew geçen on bir aýda Watanymyzyň serhetleriniň ygtybarly goragyny üpjün etmek, serhet galalarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak, harby gullukçylaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň döwlet serhediniň dostlugyň hem-de hoşniýetli goňşuçylygyň serhedidigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz gullugyň işine öňdebaryjy tejribäni ornaşdyrmak, harby gullukçylaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, ýokary hünärli serhetçileri taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny nygtap, bu ugurda degişli tabşyryklary berdi.

Adalat ministri M.Taganow raýatlara we edara görnüşli taraplara hukuk hyzmatlaryny amala aşyrýan düzümleriň işini talabalaýyk üpjün etmek, ýolbaşçylyk edýän düzüminiň işine sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak boýunça şu ýylyň başyndan bäri görlen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, milli kanunçylyk binýadyny has-da kämilleşdirmek, hukuk üpjünçiligini pugtalandyrmak, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleriň möhüm ähmiýetini belläp, ministre birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

■ 2

## MALDARÇYLYK PUDAGYNYŇ TÄZE KÄRHANASY

Ýurdumyzyň oba hojalygyny, şol sanda maldarçylyk pudagyny düýpli döwrebaplaşdyrmak we ösdürmek üçin häzirki döwürde uly tagallalar edilýär. Maldarçylyk oba hojalygynyň möhüm we ekerançylyga garanyňda, has girdejili pudaklaryndan biri hasaplanylýar. Maldarçylygy, hususan-da, dowardarçylygy, guşçulygy, düýedarçylygy ösdürmek işi ýerli howa şertlerini, otiým üpjünçiligini göz öňünde tutmak esasynda alnyp barylýar. Importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek, eksport harytlarynyň möçberini artdyrmak bilen bagly döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde taýýar et we süýt önümlerini öndürmek üçin doly önümçilik tapgyrly iri maldarçylyk, guşçulyk toplumlary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär.

■ 2



## DURMUŞ ÖZGERTMELERI – ABADANÇYLYGYŇ GIREWI

Ýakynda «Türkmenistanyň 2026-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Ýurdumyzyň geljek ýyl üçin baş maliýe resminamasy maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna ykdysadyýetiň ulgamlaryna düýpli maýa goýumlary gönükdirmek arkaly, kabul edilen Milli maksatnamalardaky wezipeleriň bellenen möhletlerde ýerine ýetirilmegine, eziz Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň depginli artmagyna we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagyna hyzmat eder. Geçen ýyllarda bolşy ýaly, 2026-njy ýylyň esasy maliýe resminamasynda serişdeleriň köp bölegi durmuş ulgamyny maliýeleşdirmäge niýetlenendir. Şeýlelikde, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokary ölçeglere ýetirmegi baş maksat edinýän Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň agramly bölegi durmuş ugruna, şol sanda bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, sport, durmuş üpjünçiligi, ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy ulgamlaryna gönükdirilýär.



■ 3

## Türkmen Bitaraplygy – dünýä nusgalyk ýörelge



XXI asyryň halkara gatnaşyklarynda durnuklylygyň, parahatçylygyň, ynanyşmagyň we dostlugyň berkemegi möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň saýlap alan hemişelik Bitaraplyk syýasaty diňe bir milli ösüşiň ýol-ýörelgesi bolman, eýsem, dünýä derejesinde parahatçylyga we ynanyşmaga hyzmat edýän nusgalyk başlangyçdyr. BMG tarapyndan üç gezek – 1995-nji, 2015-nji we 2025-nji ýyllarda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň halkara derejede ykrar edilmegi bu ýörelgäniň dünýäde giň goldaw tapýandygyny görkezýär.

■ 3

## Zenanlara bagyşlanan halkara maslahat



Şu ýylyň 9-10-njy dekabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikde «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny: Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek» atly halkara maslahat geçiriler. Türkmenistan döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy baýramçylygynyň öň ýanynda geçiriljek bu foruma dürli ýurtlardan wekiliýetleriň gatnaşmagyna garaşylýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Diýarymyzda zenanlaryň mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär.

■ 3

## Türkmen manady – durnuklylygyň binýady



Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagynyň 30 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň Merkezi banky Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 1-nji dekabryndan 1, 5, 10 manatlyk modifisirlenen polimer banknotlary, şeýle hem täze 200 manatlyk polimer banknoty dolanyşyga girizdi.

Bu pullaryň esasy aýratynlygy hapalanma, könelme, zeperlenme ýaly daşky täsirlere durnuklylygydyr. Şeýle hem olaryň gorag alamatlary has güýçlendirilip, hakykylygyny tassyklaýan şekilleri wizual taýdan kämilleşdirildi. 1, 5 we 10 manatlyk banknotlaryň reňki hem-de şekili öňki görnüşde saklanyp, olarda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň nyşany şekillendirilendir. 200 manatlyk banknotyň ýüz tarapynda «Arkadag» binasynyň, arka tarapynda bolsa Arkadag şäher häkimliginiň edara ediş binasynyň şekili ýerleşdirilipdir.

■ 3

### Halkara syýahatçylygy ösýär

Birleşen Milletler Guramasynyň Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň (UNWTO) soňky maglumatlaryna görä, halkara syýahatçylaryň akymy 2025-nji ýylyň ahyryna çenli ösüşini dowam etdirer. ■ 4

### Iň gowy köçe tagamlary

Her halkyň özüne mahsus tagamlary we tagam taýýarlaýyş usullary bar. Datlylygy we elýeterliligi bilen tapawutlanýan köçe tagamlary dünýä aşhanasynda dürlüligi emele getirýär. ■ 5

### 9-njy gezek çempion boldy

Dünýä Ralli çempionatynda 53-nji möwsümiň çempiony soňky bäsleşikde belli boldy. Jiddada geçirilen ýaryşda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň sürüjisi ýeňiş gazandy. ■ 7

### Şu gün Dünýä Kubogy 2026-nyň bijeleri çekilýär

Geljek ýyl ilkinji gezek 3 ýurduň bilelikde guramagynda geçiriljek 23-nji FIFA Dünýä Kubogynyň saýlama duşuşyklarynyň toparçalaýyn tapgyry tamamlandy. ■ 8

# WATAN GORAGY – ASUDALYGYŇ KEPILI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, şol sanda gullugy ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek, döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hasabyna onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, ýurdumyza getirilýän harytlaryň bellenen talaplara laýyk gelmegine gözegçiligi has-da kämilleşdirmegi, gullugyň işine täze tehnologiýalardyr usullary ornaşdyrmak arkaly onuň netijeliligini ýokarlandyrmagyň zerurdygyny belledi hem-de gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe görkezmeleri berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow şu ýylyň ýanwar – noýabr aýlarynda amala aşyrylan işleriň netijeleri, şol sanda döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek maksady bilen görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de gullugyň işgärleriniň netijeli işlemegi, ýaşaýyş-durmuşy üçin döredilýän şertler barada aýdyldy.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, migrasiýa kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň möhümdigini aýtdy we bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalaryna ýüzlenip, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllyk baýramy, Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli baýramçylyk dabaralarynyň, halkara çäreleriň geçirilýän günlerinde howpsuzlygy, jemgyýetçilik hukuk tertibini ýokary derejede üpjün etmegiň zerurdygyny belledi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz Täze ýyl baýramynyň ýetip gelýändigine ünsi çekip, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylaryna degişli tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasynyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň harby howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek, Watan goragçylarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilýändigini we bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini nygtady.

## Beýikligi 1 kilometre ýeter

Dubaýdaky beýikligi 828 metre barabar bolan «Burj Halifa» gökdiräni 2010-njy ýylda gurlup ulanmaga berildi. 15 ýylyň geçendigine garamazdan, bu gökdirän dünýäniň iň beýik binasy rekordyny saklap gelýär. Saud Arabystany Patyşalygynda gurluşygy dowam edýän, beýikligi 1 kilometrden geçýän «Jidda diňi» (Burj Jeddah) geljekde dünýäniň iň belent binasy bolar. Şeýlelikde, täze gökdirän «Burj Halifanyň» rekordyny täzeläp, ABŞ-nyň iň beýik binasy bolan «One World Trade Center»-den iki essä golaý beýik bolar.



157 gatly binada 59 lift bolup, onuň içinde myhmanhana otaglary, giň ofisler we ýaşaýyş öýleri ýerleşer. Binanyň 2028-nji ýylda gurlup ulanmaga berilmegine garaşylýar.

**Altynaý AMANBERDIÝEWA,**
*Kaka etrabyndaky 24-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Ýaşamak üçin amatly şäherler

Dürli ölçeglere görä, dünýäniň ýaşamak üçin iň amatly şäherleriniň sanawy mälim edildi. «Global Cities Index»-iň taýýarlan reýtinginde Fransiýanyň Grenobl şäheri öňdeligi eýeledi. Alp daglarynyň etegindäki şäher ylmy barlaglaryň hem geçirilýän ýeri hökmünde tanalýar. Tebigy gözellikleri, dünýä belli ýokary okuw mekdepleri we daşky gurşawa zyýansyz syýasaty bilen tapawutlanýan Grenobl ýaşaýyş üçin iň amatly şäher saýlandy. Şäherde ýaşaýjylaryň girdejileriniň deňagramlydygy, ösen internet infrastrukturasynyň bardygy bellenildi. Asma ýol arkaly şäheri guşuçar belentlikden synlap bolýar. Tebigatyň jümmüşindäki şäherde birnäçe kilometre ýetýän welosiped ýodalary hem bar. Ikinji orny Kanberra (Awstraliýa), üçünji ýeri Bern (Şweýsariýa) eýeledi. Ilkinji onluga Bergen (Norwegiýa), Bazel (Şweýsariýa), Lýuksemburg (Lýuksemburg), Reýkýawik (Islandiýa), Sýurih (Şweýsariýa), Gent (Belgiýa) we Nant (Fransiýa) girdi.



**Enejan AGAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*



## Aýwazowskiniň kartinasy rekord bahadan satyldy

I.K.Aýwazowskiniň «Diri galanlar» atly kartinasy Londonda 4,188 million funt sterlinge satyldy. «Sotheby's» auksion öýüniň habar bermegine görä, bu satuw suratkeşiň işi üçin rekord bahadyr. Mundan öň, 2012-nji ýylda Aýwazowskiniň «Konstantinopolyň we Bosforyň görnüşi» atly eseri 3,2 million funt sterlinge satylypdy.

Suratkeşiň döredijiliginde iň uly kartinalaryň biri bolan «Diri galanlar» 1878-nji ýylda çekildi. «Diri galanlar» mundan ozal 2004-nji ýylda auksiona çykarylypdy. Soňra bu eser Gresiýada hususy kolleksiýa üçin satyn alnypdy.

**Jeren JUMAGYLYJOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Uçar floty iki esse artar

«Boeing» kompaniýasy Afrikada ýolagçylaryň artmagy netijesinde, sebitiň ýolagçy uçar flotunyň 2044-nji ýyla çenli iki esse artmagyna garaşylýandygyny mälim etdi. Şeýlelikde, uçarlaryň sany 1 müň 680-e ýeter. Afrika ýurtlary sebitara we halkara gatnawlar üçin bir koridorly uçarlary has köp satyn alarlar. Ýaş ilat, girdejileri çalt artýan orta gürpli halk, şäher ilatynyň köpelmegi we aeroportlara barýan ýol infrastrukturasyna goýuljak maýa goýum ösüşe täsir eder. Sebitiň howa gatnawlary ýylda ortaça 6 göterim artar. Şeýle hem has arzan bahaly awiakompaniýalaryň Ýewropa we Ýakyn Gündogar ýurtlaryna gatnawlary ýola goýlup, ykdysady ösüşe goldaw berer. Bu ösüş syýahatçylyk, täjirçilik, maýa goýum, logistika, myhmanhana, önümçilik we hyzmatlar pudaklarynda täze iş orunlarynyň döremegine getirer. Diňe awiasiýa pudagynda 74 müň iş orny peýda bolar.



**Döwletgeldi GARABATYROW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## SEBIT HYZMATDAŞLYGYNYŇ BERK BINÝADY

Goňşy döwletler bilen dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmak Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu netijeli hyzmatdaşlyk sebitiň durnukly ösüşi üçin zerur şertleri döretmäge ýardam edýär. Merkezi Aziýanyň möhüm meselelerini çözmekde, şol sanda dürli ugurlarda gatnaşyklary ösdürmekde özara düşünişmek, açyklyk we hyzmatdaşlyk ýörelgelerine eýerilýär.



Hormatly Prezidentimiziň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň noýabr aýynda goňşy döwletlere – Özbegistan Respublikasyna hem-de Gazagystan Respublikasyna amala aşyran döwlet saparlary dostlukly gatnaşyklaryň aýdyň subutnamasyna öwrüldi. Sebitiň iki ýurdy ata Watanymyzyň esasy söwda-ykdysady hyzmatdaşlarydyr. Özbegistan Respublikasy bilen özara söwdanyň möçberi geçen ýyl 1 milliard amerikan dollaryndan geçen bolsa, şu ýylyň 10 aýynda bu görkeziji 900 million amerikan dollaryna golaýlady. Özara söwdanyň artdyrylmagynda Türkmen-özbek serhetýaka söwda merkeziniň açylmagynyň hem ähmiýeti uludyr. Bu wajyp taslamanyň durmuşa geçirilmegi haryt dolanyşygyny artdyrmak, maýa goýumlary çekmek, iki ýurduň telekeçileriniň we hojalygy ýöredýän subýektleriniň arasynda özara tejribe alyşmak hem-de gatnaşyklary has-da pugtalandyrmak üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Türkmen-gazak gatnaşyklary hem dürli ugurlarda, hususan-da, energetika, ulag, aragatnaşyk babatda işjeň ösdürilýär. Soňky bäş ýylyň dowamynda iki ýurduň arasyndaky özara söwda dolanyşygy dört esse artdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwlet saparynyň çäklerinde gol çekilen ylalaşyklar sebit hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmäge giň mümkinçilikler açýar. Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasynda ýerasty optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlaryny döretmek babatda gazanylan ylalaşyklar Merkezi Aziýada täze sanly gurşawyň döredilmegine binýat bolup hyzmat eder.

**Aýjahan HAJYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## ULAG DIPLOMATIÝASYNDAKY OŇYN ÖSÜŞLER

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň binýadyny berkden tutan berkarar döwletimizde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda milli ykdysadyýetimiziň ulag we kommunikasiýalar ulgamynda oňyn özgertmeler yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Demirgazyk – Günorta, Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça hereket edýän halkara üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek hakynda Eýranyň, Omanyň, Kataryň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň Hökümetleriniň arasynda baglaşylan Ylalaşyk (Aşgabat Ylalaşygy), üstaşyr ulag hyzmatdaşlygy hakynda «Lapis Lazuli» Ylalaşygy, Gazagystan – Türkmenistan – Eýran demirýol geçelgesi multimodal ulag düzümlerini ösdürmäge gönükdirilen işler netijeli ilerledilýär. Ýurdumyzyň milli ulag syýasatynyň esasy ugurlaryny özünde jemleýän bu resminamada giň gerimli strategik maksatlara ýetmek göz öňünde tutulýar.



Şol bir wagtda Gara deňiz – Hazar deňzi ugry boýunça hem ulag geçelgelerini işjeňleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Golaýda Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň hem-de Ýewropa Bileleşiginiň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen duşuşyklarda ulag pudagyny ösdürmäge gönükdirilen taslamalar ara alnyp maslahatlaşyldy. Ýewropa Bileleşigi «Global Gateway» maksatnamasynyň çäklerinde Merkezi Aziýa döwletleri üçin umumy bahasy 12 milliard ýewro bolan maýa goýum bukjasyny taýýarlady. Maliýe serişdelerini ulag we infrastruktura ulgamlarynyň ösdürilmegine hem gönükdirmek meýilleşdirilýär. Bu hem biziň ýurdumyzyň Aziýa bilen Ýewropanyň arasynda esasy köpri bolup hyzmat etmegine giň mümkinçilik döreder. Hytaýdan Ýewropa uzaýan ulag ýollarynyň esasy ugrunyň Türkmenistanyň üsti bilen Hazar deňzi we Ýewropa aralaşmagy ýurdumyzyň ulag mümkinçiliklerine bolan gyzyklanmany has-da artdyrýar.

**Orazmyrat REJEPOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## «ÝAŞYL» YKDYSADYÝET – TÄZE UGUR

Ýurdumyzda häzirki wagtda uzak geljek üçin sazlaşykly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen giň gerimli özgertmeleri durmuşa geçirmek arkaly, dünýäniň halk hojalygynyň ösüşi bilen aýakdaş ädim ätmek üçin döwrebap çäreler durmuşa ornaşdyrylýar. Dünýä ykdysadyýetinde «ýaşyl» ykdysadyýete berilýän aýratyn ähmiýet biziň ýurdumyzda hem degişli derejede ösdürilýär. Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda kuwwatlylygy 10 megawat bolan köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň gurulmagy, ekologiýa taýdan arassa önümleri öndürmek boýunça edilýän tagallalar munuň aýdyň subutnamasydyr. «Ýaşyl» ykdysadyýet daşky gurşawa zyýany azaldýan, tebigy baýlyklary tygşytly ulanýan we durnukly ösüşi maksat edinýän ykdysady ulgamdyr. Ol diňe ykdysady ösüşi däl, eýsem, ekologiýa we durmuş abadançylygyny hem göz öňünde tutýar. Bu ugur ykdysadyýetiň uzak möhletli durnuklylygyny üpjün edip, täze maýa goýumlary we innowasiýalary özüne çekýär.



Bu ugurda energiýa serişdelerini we çig maly netijeli ulanmak, zyýanly galyndylary azaltmak, gaýtadan işlemegi ösdürmek, ekologiýa taýdan arassa önümçilik usullaryny ornaşdyrmak, topragyň hilini goramak, biodeňagramlylygy saklamak, şeýle hem durnukly pudaklarda täze hünärleri, iş orunlaryny döretmek möhüm ugurlar hasaplanýar. 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüşiň ähli 17 maksadyny gazanmakda borçlary öz üstüne alýan Türkmenistanda 2016-njy ýyldan başlap Durnukly ösüş maksatlarynyň wezipelerini we görkezijilerini millileşdirmek, ählumumy maksatlary Türkmenistanyň şertlerine uýgunlaşdyrmak, olary ýurduň döwlet syýasatyna goşmak işleri başlandy. Şeýlelikde, ýurduň 2030-njy ýyla çenli ykdysady, durmuş we ekologiýa taýdan ösüşiniň wajyp ugurlary kesgitlendi.

**Babageldi SEÝDIMOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## TARYHY GYMMATLYKLAR – GEÇMIŞIŇ ÖZBOLUŞLY SAHYPASY

Halkymyzyň baý medeni mirasyny giňden öwrenmek, gorap saklamak, dikeltmek we wagyz etmek möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tabşyryklaryndan ugur alyp, ýurdumyzyň taryhy-medeni ýadygärliklerinde geçirilen arheologik ylmy-barlaglaryň netijesinde dürli döwürlere degişli taryhy gymmatlyklar yzygiderli tapylýar. Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde iň gadymy medeniýetiň dörän we ösen ýeri hökmünde tanalýar. Türkmen alymlary tarapyndan gazuw-agtaryş işleri geçirilende ýüze çykarylan taryhy gymmatlyklar bilen Türkmenistanyň Döwlet muzeýiniň ozalky täsin tapyndylarynyň üsti ýetirildi. Golaýda Türkmenistanyň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirligi hem-de onuň garamagyndaky «Nusaý», «Abywert» we «Köne Sarahs» taryhy-medeni döwlet goraghanalary tarapyndan dürli görnüşli taryhy gymmatlyklar ýurdumyzyň Döwlet muzeýine hem-de Arkadag şäheriniň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýine tabşyryldy. Gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde 300-den gowrak taryhy gymmatlyk ýüze çykarylyp, taryhy tapyndylaryň 182 sanysy Arkadag şäheriniň muzeýinde saklanar hem-de täze nesiller türkmen halkynyň gadymy baý taryhy barada maglumat almak üçin giň mümkinçilige eýe bolarlar. Häzirki wagtda Türkmenistanda gadymy arheologik we arhitektura ýadygärliklerini gorap saklamak hem-de geljek nesillere ýetirmek üçin döwlet taryhy-medeni goraghanalar döredildi.



**Hangeldi ANNAGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## MIRASA BELENT SARPA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli medeniýetimiz we sungatymyz düýpli esasda öwrenilýär. Gadymy döwürlerden bäri türkmen medeniýeti çeper senetleriň ösüşindäki naýbaşy esaslary özünde jemleýär. Türkmen halkynyň özboluşly aýratynlygyny, däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny şöhlelendirýän milli lybaslarymyz munuň aýdyň mysalydyr.

Ençeme asyrlaryň dowamynda türkmen milli egin-eşigi öz biçüwini we bezeg taslamalarynyň nusgalaryny üýtgewsiz saklap gelýär. Dokmaçylyk, keşdeçilik sungaty, şeýle-de zergärçilik sungaty nesilden-nesle geçirilip gelinýär. Halkymyzyň geçmiş taryhynyň dowamynda etniki özboluşlylygy, ýerine ýetirijilik aýratynlyklaryny we gaýtalanmajak äheňi özünde jemleýän halk senetçiligi biziň günlerimize gelip ýetdi. Netijede, milli lybaslaryň şan-şöhraty tutuş Ýer ýüzüne ýaň salýar. Munuň şeýledigine türkmen milli egin-eşiklerini we onuň baý bezeg aýratynlyklaryny aýdyň görkezýän ençeme daşary ýurt seriallary we kinolary şaýatlyk edýär. Kinematografiýa ulgamynyň ýokary hilli tehniki aýratynlyklarynyň kömegi bilen, türkmen halkynyň gadymdan gelýän amaly-haşam sungatynyň halkara derejesinde meşhurlygy mynasyp nygtaldy.



Häzirki wagtda türk, özbek we gazak kinoçylary tarapyndan surata düşürilen «Ajaýyp asyr» (2011–2014); «Direliş: Ärtogrul» (2014–2018); «Döreýiş: Osman» (2019-njy ýyldan häzirki wagta çenli); «Galkynyş: Beýik Seljuklar» (2020–2021); «Alp-Arslan: Beýik Seljuk» (2021–2023); «Men – Jelaleddin» (2021–2023); «Mehmed: Fetihler soltany» (2024-nji ýyldan häzirki wagta çenli) ýaly teleseriallar uly gyzyklanma eýedir. Türkmen halkynyň taryhyndan, milli lybaslaryndan, ýaşaýyş-durmuşyndan we urp-adatlaryndan söz açýan bu ajaýyp kino eserlerinde gadymy däp-dessurlarymyz, milli halylarymyz, el işlerimiz, ak öýleriň bezegleri, aýratyn hem türkmenleriň beýleki Gündogar halklary bilen medeni umumylygy we özboluşly aýratynlygy aýdyň şöhlelenýär. Gymmatly we gyzykly taryhy maglumatlary özünde jemleýän seriallaryň tomaşaçylary günsaýyn artyp, dünýä ýüzünde uly meşhurlyk gazanýar.

Türkmen medeniýetiniň gymmatlyklaryna diňe bir doganlyk halklaryň kinematografiýasy bilen çäklenmän, eýsem, seýrek hem bolsa beýleki ýurtlaryň filmlerinde-de duş gelinýär. Muňa mysal edip, 2013-nji ýylda ekranlaşdyrylan «Tebip: Ibn Sinanyň şägirdi» (Germaniýa) atly filmde-de türkmen gelinlerine mahsus kürtäni görmek bolýar.

Mahlasy, birnäçe daşary ýurt kinematografiýa eserinde orun alan türkmen milli lybaslary eziz halkymyzyň gadymyýetden gözbaş alýan baý çeperçilik mirasynyň halkara derejedäki ähmiýetini açyp görkezýär.

**Selim RASULOW,**
*žurnalist.*

## Ýel energiýa önümçiliginde rekord

Birleşen Patyşalykda ýel beketlerinde elektrik energiýasyny almakda täze rekord goýuldy. Ýurduň milli energiýa ulgamy operatory (NESO) Britaniýanyň arassa we daşky gurşawa zyýansyz elektrik energiýasyny öndürmekde täze sepgide ýetendigini habar berdi. 11-nji noýabr güni ýel beketleri 22,711 MW, ýagny 22 million hojalyga ýetjek elektrik energiýasyny öndüripdir. Bu görkeziji ýurtda sarp edilýän elektrik energiýasynyň 43,6 göterimine gabat gelýär. Angliýanyň demirgazygy hem-de Şotlandiýa ýelden energiýa almak üçin amatly tebigy şertleri hödürleýär. NESO-nyň maglumat bermegine görä, ýurtda elektrik energiýasynyň 12,5 göterimi gazdan, 12,1 göterimi ýel beketleri arkaly doldurylan batareýalardan, 11,3 göterimi elektrik geçirijileri arkaly beýleki ýurtlardan, 8 göterimi ýadro beketlerinden, 8 göterimi biomassadan we 1,4 göterimi gidroelektrik beketlerden alnypdyr.



**Selbi ANNAMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Hindistanyň ilkinji ýokary tizlikli otlusy

Dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistanda ýolagçy gatnawy üçin otlulardan has köp peýdalanylýar. Ýurduň iri şäherleri bolan Mumbaý bilen Ahmedabadyň aralygynda ýokary tizlikli otly ýolunyň gurluşygy dowam etdirilýär. 2027-nji ýylda açylyp ulanmaga berilmegine garaşylýan otly ýolunyň ugrunda köprüleriň hem birnäçesiniň gurluşygy dowam edýär. Gurluşygyna 2017-nji ýylda başlanan taslamanyň çäklerinde eýýäm birnäçe desga gurlup taýýar edildi. Ilkibaşda Gujarat ştatyndaky Surat we Wapi şäherleriniň arasynda gatnaw ýola goýlar. Tizligi sagatda 320 kilometre ýetjek otlular Mumbaý bilen Ahmedabad şäheriniň arasyndaky gatnawyň wagtyny ep-esli azaldar. Häzirki wagtda bu iki şäheriň arasynda 6-7 sagat dowam edýän syýahatyň wagty 2 sagada düşer. Demir ýoluň uly bölegi (85%, 465 km) sütünleriň üstünde, ýagny köpri görnüşinde gurulýar. Demir ýolda Ýaponiýanyň otlulary ulanylar.



**Gülälek HAÝDAROWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Maldarçylyk pudagynyň täze kärhanasy



Başlangyjy 1-nji sahypada.

Ýakynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda ulanmaga berlen maldarçylyk we guşçulyk senagaty döwlet birleşiginiň «Altyn halka» döwlet kärhanasynyň täze maldarçylyk toplumynyň işe girizilmegi hem munuň aýdyň mysalydyr.

Maldarçylyk toplumynyň işini döwrebap usulda alyp barmak, mallaryň idegini sanly ulgam arkaly dolandyrmak üçin edara, barlaghana, naharhana binalary hem-de jemi 500 baş maly saklamaga niýetlenen üç sany bölüm, 200 baş göle saklanýan iki bölüm, sagym bölümi, ot-iým meýdançasy, ýapyk görnüşli iým ammary hereket edýär. Şeýle hem weterinariýa we karantin binalary, oba hojalyk tehnikalaryny, gurallary, ýöriteleşdirilen awtoulaglary saklamak üçin kömekçi desgalar bar.

Ýurdumyzda gara mallary köpeltmek boýunça iri häzirki zaman maldarçylyk toplumlarynyň birnäçesi bar. Bu bolsa sarp edijileri et-süýt önümleri bilen bolelin üpjün etmekde, şeýle hem eti we süýdi eksport etmäge mümkinçilik berýär.

**Jemal SAPARGULYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## Endikleriň sagdyn ýaşamaga täsiri

Sagdynlyk we uzak ömür DNK (diri organizmleriň ählisiniň mirasdüşerlik maglumatlaryny saklaýan molekula) bagly däl-de, eýsem, biziň durmuş ýörelgelerimize we endiklerimize hem bagly. Alymlar ýarym milliona golaý adamyň gatnaşmagynda geçirilen giň möçberli barlaglardan soň umytlandyryjy netijä geldiler. Görlüp oturylsa, genleriň garramaga örän az, ýagny diňe 2% täsir edýändigi, ýaşaýyş-durmuş ýörelgeleriniň bolsa 17% täsir edýändigi belli bolupdyr. Başgaça aýdylanda, biziň nähili ýaşaýandygymyz ene-atalarymyzdan miras galan zatlardan sekiz esse möhümdir. Garramagy çaltlaşdyrýan iň möhüm sebäpleriň arasynda çilim çekmek, fiziki işjeňligiň pes derejesi, jemgyýetden üzňelik, ukynyň bozulmagy, emosional we fiziki taýdan argynlyk bar.



Alymlar hatda adamyň oňaýsyz genetikasy bar bolan ýagdaýynda-da, işjeň we sagdyn durmuş ýörelgeleriniň garrama prosesini ep-esli haýalladyp, ömrüň dowamlylygyny uzaldyp biljekdigini öňe sürýärler.

**Orazgeldi BABAÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň terapewtik stomatologiýa kafedrasynyň mugallymy.*

## Gün iki aýdan soň dogar

Ýer ýüzüniň demirgazyk we günorta polýuslarynda gije we gündiz uzak wagtlap dowam edip bilýär. Golaýda Alýaskanyň iň demirgazygyndaky Utkiagwik şäherinde Gün batdy. Indi bolsa, Gün 2026-njy ýylyň 22-nji ýanwarynda dogar. Şol wagta çenli şäheriň ýaşaýjylary Güni görüp bilmezler. Şeýle-de bolsa, gijelerine hemişe tüm garaňkylyk bolmaýar. Iki aýdan gowrak dowam edýän döwürde bu ýerdäki ýagtylyk, köplenç, Günüň dogmazynyň öň ýanyndaky ýaly alagaraňky ýagdaýda bolar. Diňe käbir günler tüm garaňky bolar. Utkiagwik şäherinde her ýylyň noýabr aýynyň ahyrynda Gün batyp, ýanwaryň ahyrynda dogýar. Bu tebigy hadysa polýar gijesi diýilýär.



**Tyllagözel BABAÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 5-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117645
Belgisi: 49/1667
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# DURMUŞ ÖZGERTMELERI – ABADANÇYLYGYŇ GIREWI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ähli pudaklarda ýerine ýetirilýän özgertmeler ilatyň ýaşaýyş derejesini dünýä ülňülerine laýyk getirmek maksadyndan ugur alýar.

Şu ýylda ýurdumyzyň döwlet hem-de jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda düýpli özgertmeler bolup geçdi. Bu günki gün türkmen halky şeýle özgertmeleriň eşretlerinden peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» hem-de hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarlaryndan ylham alyp, asuda durmuşda bagtyýar ýaşaýar, agzybir zähmet çekýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda adam hakynda alada ilkinji orunda goýlup, ýurdumyzyň bilim, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi ulgamlarynda giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, ygtybarly durmuş goraglylygyny kepillendirmek döwletimiziň öňe sürýän ugurlarynyň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň kesgitlenen ugurlaryna laýyklykda, raýatlara girdeji almak üçin amatly şertleri döretmek, olaryň esasy çeşmelerini ýokarlandyrmak we ilatyň ýaşaýyş derejesini dünýä standartlaryna ýetirmek babatynda tutumly çäreler durmuşa geçirilýär.

Döwletiň syýasaty ýurtda maýyplary durmuş taýdan goramakda, olaryň jemgyýete uýgunlaşmagy üçin şertleri döretmekde ýardam berýän maddy üpjünçiligini we hyzmat etmekligiň zerur derejesini kepillendirýär. Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylara ýurdumyzda köp sanly durmuş ýeňillikleri, maddy goldawlar berilýär, saglygy goraýyş hyzmatlaryny has-da gowulandyrmak boýunça çäreler kabul edilýär. Döwlet elmydama ilatyň durmuş taýdan goldamaklyga mätäç gatlaklary üçin berilýän kömekleriň görnüşlerini we gerimini giňeldip gelýär.



Döwlet syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biri durmuş taýdan üpjünçiligiň ulgamyny dolandyrmagy kämilleşdirmek, ony bazar gatnaşyklarynyň ösýän şertlerine uýgunlaşdyrmak bolup durýar. Muňa hereket edýän pensiýa ulgamyny özgertmek boýunça alnyp barylýan işler mysal bolup biler.

Pensiýa ulgamyny özgertmegiň esasy maksady döwletiň, iş berijiniň we işgärleriň arasyndaky jogapkärçiligi paýlamak bilen, durmuş babatda adalatly pensiýa üpjünçiligi ulgamynyň maliýe durnuklylygyny we ykdysady netijeliligini emele getirmekden ybaratdyr.

Ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga zähmet, zähmeti goramak, iş üpjünçiligi meseleleriniň oňyn çözülmegi hem uly täsir edýär. Şeýle bolansoň, ýurdumyzda bu ugra-da uly üns berilýär.

Ilatyň pul girdejileri babatynda söz açylanda, munuň özi hökmany suratda, hereket edýän edaralarda, kärhanalarda we guramalarda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmek, netijede, zähmete ukyply ilaty iş bilen üpjün edilmegi ýokary durmuş-ykdysady netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýär.

Jemläp aýtsak, Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň mynasyp dowam etdirýän giň gerimli işleri Durnukly ösüş maksatlaryny üstünlikli amala aşyrmak ugrunda möhüm ädim bolup, olaryň oňyn netijeleri durmuş ulgamynda has-da äşgär duýulýar. Tejribeden belli bolşy ýaly, islendik döwletiň durmuş taýdan ösen birnäçe görkezijiler arkaly kesgitlenilýär. Girdejileri artdyrmak, iş üpjünçiligini ýokarlandyrmak, sagdyn durmuş ýörelgesini ösdürmek, gender deňligini gazanmak, ýokary hilli bilimiň elýeterliligi, azyk howpsuzlygyny goramak ýaly ýörelgeleri öz içine alýan işler ýurdumyzda guwandyryjy netijeleri berýär.

Ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän özgertmeleriň, milli maksatnamalaryň hem-de ägirt uly taslamalaryň ählisiniň özeninde döwletimiziň we jemgyýetimiziň iň ýokary gymmatlygy bolan adam hakdaky alada dur.

Halkymyzyň bagtyýar, eşretli durmuşda ýaşamagy üçin ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri elmydama rowaç bolsun!

**Ymamguly REJEPOW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň magistranty, Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy,*
**Döwletmyrat MUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

# TÜRKMEN BITARAPLYGY – DÜNÝÄ NUSGALYK ÝÖRELGE

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Türkmenistan 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň biragyzdan kabul eden Kararnamasy esasynda dünýäde ilkinji gezek halkara derejede ykrar edilen hemişelik Bitarap döwlet boldy. Türkmenistanyň Bitaraplygy ýurdumyzyň özbaşdak daşary syýasat ýörelgesidir, halkara hukugy taýdan berk üpjün edilendir, ol dünýäniň ähli ýurtlary bilen deňhukukly, dostlukly gatnaşyklaryň esasyny düzýär.

Türkmen Bitaraplygy döwletiň daşary syýasatynyň merkezinde parahatçylyk, diplomatiýa we ynanyşmak ýörelgelerini goýýar. Bitaraplyk daşary ykdysady gatnaşyklary deňhukukly we ýurt üçin amatly meýdança döredýär. Türkmenistan dünýäniň ähli döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny deňhukukly we özara bähbitli esasda ösdürýär. Türkmenistan döwletimiz halkara gepleşiklerini geçirmek üçin bitarap meýdança bolup, sebitleýin hyzmatdaşlygyň täze modellerini teklip edýär, ýurtlaryň arasynda ynanyşmagyň berkemegi üçin dialog platformalaryny döredýär. Bu ýörelgeler ýurdumyzyň halkara jemgyýetçiligindäki ornuny ýokarlandyrýar.

Şeýle hem Merkezi Aziýa geosyýasy taýdan möhüm sebit bolup, onuň durnuklylygy tutuş dünýä ykdysadyýetine hem täsir edýär. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasaty arkaly sebitiň parahatçylygyny goldaýan başlangyçlary öňe sürýär. Halkara energetika dialoglarynda ynamly hyzmatdaş hökmünde çykyş edýär. Energetika geçelgeleriniň diwersifikasiýasy boýunça teklipler dünýäniň ykdysady howpsuzlygyna hyzmat edýär. Türkmenistan Gündogar bilen Günbataryň arasynda ynamdar üstaşyr ýurda öwrüldi, halkara hyzmatdaşlygynyň täze ugurlaryny emele getirdi.

Häzirki wagtda halkara gatnaşyklar nazaryýetinde bitaraplyk institutyna aýratyn gyzyklanma bildirilýär. Hemişelik bitaraplygyň beýleki döwletler tarapyndan ykrar edilmeginiň ähmiýeti, onuň hukuk taýdan hereket etmegi üçin halkara derejede berkidilmegi, halkara gatnaşyklary utgaşdyryjy,



gapma-garşylyklary sazlaýjy, parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün edýän gural hökmünde dürli ynsanperwer ylymlaryň nukdaýnazaryndan öwrenilýär. Şunda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň aýratynlyklary üns berilmäge mynasypdyr.

Geçen 30 ýyl türkmen Bitaraplygynyň BMG-niň esasy ýörelgelerine we maksatlaryna laýyk gelýändigini aýdyň görkezdi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň 3-nji gezek biragyzdan kabul edilmegi türkmen Bitaraplygynyň dünýä jemgyýetçiliginiň gymmatlygy bolandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Şeýle hem Bitaraplygyň dünýä syýasaty üçin uly ähmiýetine we onuň häzirki zaman strategik kuwwatyna ýokary baha berilýär. Gahryman Arkadagymyzyň «Bitarap Türkmenistan», «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy», «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly we beýleki kitaplarynda türkmen Bitaraplygynyň taryhy gözbaşlary, aýratynlyklary barada giňişleýin gürrüň edilýär. Milli Liderimiziň eserleri türkmen halkynyň ruhuna, däp-dessurlaryna siňen parahatçylyk söýüjilikli diplomatiýasynyň asyl many-mazmunyna düşünmäge mümkinçilik berýär.

Türkmen Bitaraplygy dünýä nusgalyk ýörelge hökmünde häzirki döwrüň möhüm gymmatlyklary bolan parahatçylyk, ynanyşmak, ösüş, durnuklylyk we ynsanperwerlik bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Bitaraplygyň ýörelgelerine ygrarlylyk we olaryň dünýäde işjeň wagyz edilmegi Türkmenistanyň halkara abraýyny ýokarlandyrýar, sebitleýin parahatçylyga goşant goşýar, dünýäniň dürli ýurtlarynyň arasynda ynanyşmagy pugtalandyrýar.

Şonuň üçin hemişelik Bitaraplyk diňe bir Türkmenistanyň milli baýlygy däl, eýsem, häzirki zaman diplomatiýasynyň hem dünýä nusgalyk tejribesidir.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# Zenanlara bagyşlanan halkara maslahat

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Türkmen jemgyýetiniň möhüm bölegini düzýän zenanlar häzirki wagtda döwlet dolandyryşynyň dürli düzümlerinde – kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji edaralarda işlemek, daşary syýasy işlere gatnaşmak we telekeçilik bilen meşgullanmak arkaly, ýurdumyzy dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmaga gönükdirilen giň gerimli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine uly goşant goşýarlar. Şunuň bilen



birlikde, ýurdumyzda raýatlaryň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagy, maşgalanyň goldanylmagy, eneligiň, çagalygyň goraglylygy boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Häzirki zaman jemgyýeti uly ösüşleriň, tehnologiýalaryň, global integrasiýanyň hem-de jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň täze görnüşleriniň peýda bolan dünýäsi bolup durýar. Bu ösüşleriň merkezinde bolsa jemgyýetiň esasy sütünleriniň biri bolan zenanlaryň orny aýratyn ähmiýete eýedir. Zenan jemgyýetiň ähli ugurlarynda işjeňlik görkezýän, döredijiligi, söýgüni, ruhy güýç-kuwwaty we ösüşe bolan ymtylyşy bilen jemgyýetiň kämilleşmegine hyzmat edýän güýçdür. Şeýle ýagdaý zenanlaryň häzirki döwürde diňe bir maşgala gurluşynda däl, syýasy, ykdysady, medeni we jemgyýetçilik durmuşynda hem möhüm orna eýedigini görkezýär.

Häzirki döwürde gender deňligi, jemgyýetiň ähli gatlaklarynda erkekler bilen deň esasda gatnaşmak baradaky düşünjeler wajyp ähmiýete eýe bolmak bilen, zenanlaryň jemgyýetdäki orny has ýokary derejä çykýar.

Ösýän ykdysadyýetlerde zenanlaryň gatnaşygynyň artmagy durnukly ösüşiň möhüm görkezijisi bolup çykyş edýär. Zenanlar häzirki wagtda döwlet edaralarynda ýolbaşçy düzümde, hususy telekeçilikde, ylym-bilim pudagynda, sanly tehnologiýalar we innowasiýalar ulgamynda, halkara hyzmatdaşlyk taslamalarynda işjeň gatnaşýarlar. Zenanlaryň döwlet syýasatynda, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynda, jemgyýetçilik guramalarynda gatnaşygy giňelýär. Bu ösüş demokratik ýörelgeleriň berkemegine, jemgyýetçilik meseleleriniň köpöwüşginli çözülmegine şert döredýär.

Zenan jemgyýetiň ruhy binýadynda hem möhüm orny eýeleýär. Maşgala gatnaşyklarynda ene hökmünde terbiýeçi, öýüň sazlaşygyny üpjün ediji we jemgyýete peýdaly nesli ýetişdiriji hökmünde zenanyň ähmiýeti örän örän uludyr.

Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň mümkinçilikleriniň giňelmegi jemgyýetiň ösüşine, durnuklylygyna hem-de medeni kämillik derejesine oňyn täsir edýär. Gender deňliginiň saklanylmagy, zenanlar üçin döredilýän şertleriň giňelmegi we olaryň jemgyýetdäki işjeňliginiň artmagy tutuş jemgyýetiň ösüşine gönükdirilen strategiýa bolup çykyş edýär.

**Gurbangözel MYRADOWA,**
*Aşgabat şäher häkimliginiň «Bagt köşgi» toý dabaralary merkeziniň Medeni usulyýet merkeziniň esasy hünärmeni.*

# Ylym we bilim: ösüşiň esasy sütünleri

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda eziz Watanymyzda ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamak, olaryň jemgyýetdäki ornuny has-da berkitmek ugrunda alnyp barylýan işler özüniň oňyn netijelerini berýär.

Ýurdumyzda milli bilim ulgamynyň kämilleşdirilmegi türkmen jemgyýetiniň medeni we ruhy taýdan sazlaşykly ösmeginiň esasy şertine öwrüldi.

Häzirki döwürde bilim ulgamynyň ösüşine we kämil hünärmenleriň taýýarlanmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. 17-nji oktýabrda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde hormatly Prezidentimiziň Karary bilen, «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasynyň» tassyklanmagy bu ugurda möhüm ädimleriň biri boldy. Bu Strategiýada, aýratyn-da, ýokary hünär bilimi ulgamynyň dolandyrylyşyny halkara kadalaryna we milli tejribelere laýyklykda kämilleşdirmek, demografiki görkezijilere, zähmet bazarynyň ösüşine hem-de ykdysadyýetiň meýilnamalaşdyrylyşyna görä meýilleşdirmegiň we dolandyrmagyň kämil gurallaryny ornaşdyrmak, okatmagyň öňdebaryjy usullary, sanly tehnologiýalar we emeli aň arkaly bäsleşige ukyply ýokary hünär biliminiň milli gurşawyny döretmek göz öňünde tutulýar.

Häzirki zaman dünýäsi yzygiderli ösüş, tehnologik täzelikler we maglumat alyş-çalyş ulgamynyň giň gerim almagy bilen häsiýetlendirilýär. Bu ösüşleriň merkezinde bolsa ylym bilen bilim durýar. Ylym tebigatyň we jemgyýetiň kanunalaýyklyklaryny öwrenýän ulgam bolsa, bilim adam akyl-paýhasyny ösdürýän we jemgyýetiň intellektual derejesini ýokarlandyrýan möhüm güýçdür.

**Jemgyýetiň ösüşiniň hereketlendirijisi bolan ylmyň ähmiýeti birnäçe ugurda aýdyň görünýär:**

**1.** Tehnologik ösüş. Ylym we innowasiýa täze tehnologiýalaryň döredilmegine mümkinçilik döredýär. Informatika, biotehnologiýa, energetika ýaly ugurlardaky üstünlikler ykdysadyýetiň ösüşine uly itergi berýär.

**2.** Saglygy goraýyş taýdan öňegidişlik. Ylmyň ösüşi arkaly täze dermanlar, bejeriş usullary we keselleri anyklamak serişdeleri işlenip düzülýär. Bu bolsa adam ömrüniň uzalmagyna we saglyk derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär.

**3.** Howpsuzlyk we durnuklylyk. Ekologiýa, howa şertleriniň üýtgemegi, azyk howpsuzlygy ýaly meseleleriň çözgüdi hem ylmy barlaglara esaslanýar.

**Bilimiň jemgyýete täsiri. Bilim ýaş nesliň dünýägaraýşyny giňeldýän, täze ukyplary ýüze çykarýan we ösüşe eltýän güýçdür.**

**1.** Adam maýasynyň ösüşi. Bilimli raýatlar ykdysadyýetiň kämilleşmegine, täze iş orunlarynyň döredilmegine we üstünlikleriň gazanylmagyna goşant goşýarlar.



**2.** Medeniýetleriň ösüşi. Bilim jemgyýetiň medeni derejesini ýokarlandyrýar, döredijilik we milli gymmatlyklara hormaty pugtalandyrýar.

**3.** Innowasiýa mümkinçilikleri. Innowasiýa bilimli, döredijilikli nesiller tarapyndan kemala gelýär. Okuw ulgamy diňe maglumat bermän, eýsem, pikirlenmegi hem ösdürýär. Ylym bilen bilim biri-birine dahylly ulgamlar bolup, olaryň arasyndaky baglanyşyk jemgyýetiň ösüş depginini kesgitleýär.

Ylym we bilim häzirki zaman jemgyýetiniň möhüm sütünleridir. Ýurdumyzyň durnukly ösüşini, ykdysady we medeni gülläp ösüşini üpjün etmekde olaryň ähmiýeti uludyr. Şonuň üçin hem döwrebap bilim ulgamyny ösdürmek, ylmy barlaglary goldamak, ýaşlary döredijilikli hem-de innowasiýa ugurly taýýarlamak häzirki döwrüň esasy wezipeleriniň biridir.

**Miwe ÇARYÝEWA,**
*Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.*

# GELJEGI NAZARLAÝAN ULGAM

Ýurdumyzda ulag ulgamyna sanly tehnologiýalary we innowasiýalary ornaşdyrmak, maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek işleri yzygiderli dowam etdirilýär. Hormatly Prezidentimiz XXI asyryň täze taryhy şertlerinde dünýäniň bitewüliginden ugur alýan öňdengörüjilikli syýasaty ýöretmek bilen, zeminiň ähli ýurtlarynyň özara sazlaşykly ösüşine ýardam edýän üstaşyr ulag infrastrukturasyny emele getirmäge gönükdirilen halkara başlangyçlary öňe sürýär.

Ýollar we ulaglar taryhyň dowamynda adamzat siwilizasiýasynyň ösmeginiň esasy şertleriniň biri bolupdyr. Geçmişden häzirki güne çenli ilatly ýerleri bir-birine baglaýan ýollaryň ýaýrawynyň barha artyp, olardan gatnaýan ulaglaryň yzygiderli kämilleşýändigini, uzak menzilleriň has gysga wagtda geçilýändigini görmek mümkin. Şu hakykatdan ugur alsak, ählumumy abadançylyk we durnukly ösüş ýol-ulag düzümleriniň kämilleşdirilmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýurdumyzyň öňe sürýän adalatly hem-de inklýuziw ösüşe gönükdirilen başlangyçlarynda bu ugra aýratyn orun berilýär.

Amatly geoykdysady çäkde ýerleşýän ýurdumyzyň üstaşyr ulag mümkinçiliklerini ulanmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Häzirki döwürde Türkmenistan Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça halkara ulag geçelgelerini ösdürmek arkaly, gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň täze keşpde dikeldilmegine mynasyp goşant goşýar. Russiýanyň demirgazyk portlaryndan Hindistana we Pars aýlagyna ýükleri daşamaga niýetlenen geçelgäniň umumy uzynlygy 7,2 müň kilometre barabardyr. Bu geçelge ýükleri Sankt-Peterburgdan Mumbaý şäherine 15 – 25 günde ýetirmäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa beýleki ugurlar arkaly ýük gatnawlaryna garanyňda, has çaltdyr. Gündogar – Günbatar ulag geçelgesi Aziýa bilen Ýewropanyň arasyndaky ýük gatnawlaryny çaltlandyrmaga niýetlenen ugurlaryň toplumyny öz içine alýar. Umumy uzynlygy 9 müň kilometre barabar bolan geçelge Gündogar ýurtlarynda, hususan-da, Hytaýda öndürilen harytlary Merkezi Aziýanyň, Hazar deňziniň, Kawkaz sebitiniň we Gara deňziň üsti bilen Ýewropa ýetirmäge mümkinçilik berýär. Geçelgäniň şahalaryna baglylykda, häzirki wagtda ýükler 20 – 25 günde daşalýan bolsa, döwrebap ulag düzümleriniň işe girizilmegi we gümrük-logistika amallarynyň ýeňilleşdirilmegi netijesinde bu görkezijini iki esse azaltmak maksat edinilýär. Häzirki döwürde gurluşyklary güýçli depginde alnyp barylýan Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýoly we Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedine barýan awtomobil ýoly soňky ýyllarda işe girizilen demir ýol, deňiz we howa ulaglary düzümleriniň üstüni ýetirer. Ýol-ulag düzümleriniň kämilleşdirilmegi bilen bir hatarda, degişli ugurdaky gatnawlary has-da ýeňilleşdirýän halkara ylalaşyklaryň ýörite resminamalar bilen berkidilmegi ýolagçy gatnawlaryny we harytlaryň daşalmagyny täze derejä çykarýar.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Ýurdumyzyň ulag-aragatnaşyk toplumynyň işini kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary, Aragatnaşyk, Awtomobil ulaglary ministrlikleri, «Türkmenhowaýollary» hem-de Deňiz we derýa ulaglary döwlet gulluklary döredildi. Türkmenistanyň ykdysady we durmuş ösüşiniň möhüm şerti hökmünde köpugurly ulag düzümini döretmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Döwletimiziň maksatnamalaýyn özgertmeler syýasaty netijesinde, ulag ulgamynda giň gerimli taslamalar, awtomobil we demir ýollarynyň durkuny döwrebaplaşdyrmak, täzelerini gurmak, raýat awiasiýasynyň, gämi gurluşygynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny düýpli özgertmekde ägirt uly işler durmuşa geçirilýär.



Ykdysatçylaryň dilinde ýol-ulag düzümine «ykdysadyýetiň gan damary» diýilýär. Bu ýöne ýerden däl. Kadaly gan aýlanyşygynyň adam süňňüne täsir edişi ýaly, sazlaşykly işleýän, kämil ulag düzümleriniň bolmagy milli ykdysadyýete-de, dünýä ykdysadyýetine-de oňyn täsirini ýetirýär. Ulag ulgamy ýaşaýşyň derejesini gowulandyrmagyň, dünýäniň ykdysady giňişligine goşulyşmagyň möhüm şerti bolup, Watanymyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösmegine, goňşy ýurtlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna itergi berýär.

Ýurdumyzyň ulag ulgamynyň düzümlerini döwrebaplaşdyrmak we netijeli dolandyrmak, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek arkaly milli ykdysadyýeti durnukly hem-de okgunly ösdürmek, halkymyzyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak babatda tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

**Hajymämmet NYÝAZGELDIÝEW,**
*«Türkmenhowaýollary» döwlet gullugynyň Aşgabat halkara howa menziliniň howa hereketini guramagyň Bir bitewi ulgamynyň Baş merkeziniň raýat sektorynyň uly dispetçeri.*

# TÜRKMEN–GAZAK DOSTLUK GATNAŞYKLARY

Türkmenistan bilen Gazagystan goňşy, taryhy-medeni taýdan ýakyn, sebitiň durnuklylygynda we ösüşinde möhüm orun eýeleýän döwletlerdir. Iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň binýadyny dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, özara hormat we deňhukukly hyzmatdaşlyk düzýär. Türkmen – gazak gatnaşyklary häzirki wagtda syýasy, ykdysady, medeni, halkara we energetika ugurlarynyň birnäçesi boýunça sazlaşykly ösdürilýär. Bu babatda iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň özara saparlary hem uly ähmiýete eýedir. Golaýda Türkmenistanyň Prezidentiniň Gazagystan Respublikasyna amala aşyran döwlet sapary döwletara gatnaşyklarda täze sahypany açdy. Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew iki ýurduň arasynda dostlugy, özara düşünişmegi we strategik hyzmatdaşlygy berkitmekde döwlet Baştutanymyzyň şahsy goşandyny belläp, bu gezekki saparyň netijeleri boýunça gazanylan ylalaşyklaryň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň gazak-türkmen gatnaşyklarynda täze sahypany açjakdygyna ynam bildirdi hem-de hormatly Prezidentimizi Gazagystan Respublikasynyň iň ýokary sylagy – «Altyn Kyran« ordeni bilen sylaglady.



Astanada hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda geçirilen ýokary derejeli gepleşikleriň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi.

«Akorda» köşgünde hormatly Prezidentimiziň Gazagystana döwlet saparynyň çäklerinde türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň şertnama-hukuk binýadynyň üsti dürli ugurlara degişli ikitaraplaýyn resminamalaryň birnäçesi bilen ýetirildi. Iki ýurduň ykdysady gatnaşyklarynyň ösüşinde söwda dolanyşygy, energetika, ulag-logistika we oba hojalygy möhüm orny eýeleýär. Bu ugurlarda giň mümkinçilikler bar we ýylyň-ýylyna hyzmatdaşlyk giňelýär.

Türkmenistanyň we Gazagystanyň gatnaşyklarynda möhüm orun tutýan söwda dolanyşygy ýylda durnukly depginde ösýär. Energetika hyzmatdaşlygy iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň möhüm bölegidir. Türkmenistan öz tebigy gazyny we energiýa serişdelerini halkara bazarlara çykarmakda sebitleýin hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýär. Gazagystan hem sebitiň energetika howpsuzlygynyň möhüm gatnaşyjylarynyň biridir.

Iki döwletiň arasynda suw hojalygy boýunça hyzmatdaşlyk hem möhüm ugur bolup durýar. Serhetýaka derýalaryň we suw serişdeleriniň netijeli paýlanmagy boýunça yzygiderli gepleşikler geçirilýär. Şeýle hem maldarçylyk, ekinçilik, tohumçylyk we tehnologiýalar babatda ýygjam gatnaşyklar ösdürilýär.

Türkmen–gazak hyzmatdaşlygynyň iň möhüm ugurlarynyň biri-de ulag-logistika ulgamydyr. Iki ýurduň çägi arkaly Gündogar–Günbatar, Demirgazyk–Günorta ugurlarynda halkara üstaşyr mümkinçilikler bar. Iki ýurduň arasynda ulag-logistika babatda bilelikdäki tagallalar netijesinde Türkmenistan–Gazagystan–Eýran demir ýoly sebitleýin söwdanyň möhüm ugurlarynyň birine öwrüldi. Gazagystanyň Aktau we Kuryk portlary bilen Türkmenistanyň Türkmenbaşy halkara deňiz portunyň arasyndaky hyzmatlaryň giňeldilmegi, Merkezi Aziýadan Gündogara we Ýewropa iberilýän ýükleriň akymynyň artmagy türkmen–gazak hyzmatdaşlygynyň okgunly ösdürilýändigini alamatlandyrýar.

Taryhda türkmenler bilen gazaklaryň ruhy-medeni taýdan ýakyn gatnaşykda bolandygy bellidir. Şonuň üçin bu günki gün iki döwletiň arasynda medeni we ynsanperwer hyzmatdaşlyk aýratyn ähmiýete eýedir. Hoşmeýilli, dostana gatnaşyklar halklaryň arasyndaky ruhy jebisligiň we goňşuçylyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna ýardam edýär. Türkmen–gazak hyzmatdaşlygy dostluk, ynanyşmak, deňhukuklylyk we özara bähbitlilik ýörelgelerine esaslanýar. Bu hyzmatdaşlyk öz nobatynda tutuş Merkezi Aziýanyň durnukly ösüşine hem uly goşant goşýar.

**Ahun BABAHANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Türkmen manady – durnuklylygyň binýady

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Türkmen manady Türkmenistanyň resmi milli pul birligidir. Ol ýurduň ykdysadyýetiniň ähli ugurlarynda dolanyşyk serişdesi hökmünde giňden ulanylýar. Manat diňe bir töleg serişdesi bolman, eýsem, ýurdumyzyň ykdysady garaşsyzlygynyň, maliýe ulgamynyň durnuklylygynyň we döwlet gurluşynyň möhüm nyşanydyr.

Manat ýurduň içki ykdysady ösüşiniň möhüm esasydyr. Ol içerki we halkara söwdada hasaplaşygy üpjün edýär hem-de ýurdumyzdaky bank hyzmatlarynyň alnyp barylyşyny güýçlendirýär.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçiş çaltlandyrylýar. Bank hyzmatlarynyň elektron görnüşleri, sanly töleg ulgamlary we onlaýn bank hyzmatlary giňeldilýär. Munuň özi manadyň döwrebap maglumat tehnologiýalary bilen sazlaşykly işlemegini üpjün edýär.

Bu mümkinçilikleriň ählisi manadyň dünýä ykdysadyýeti bilen sazlaşykly gelişmegine mümkinçilik döredýär. Türkmen manadynyň daşary ýurt walýutalaryna deňagramlylygy Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy bilen gönüden-göni baglydyr. Türkmenistan öz milli walýutasynyň durnuklylygynyň halkara ykdysady gatnaşyklarda möhüm ähmiýete eýe bolmagyna mümkinçilik berýär.

Türkmen manady döwlet garaşsyzlygynyň we ykdysady kuwwatynyň möhüm bölegidir. Onuň taryhy, döredilişi we häzirki ösüşi ýurdumyzyň maliýe ulgamynda uly orny eýeleýär. Milli puluň täzeden kämilleşdirilmegi hem-de onuň sanly ulgamlara uýgunlaşdyrylmagy Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň täze basgançaklaryna ýol açýar.

**Goçmyrat HALLYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Saglygy goraýyş kämillik ýolunda



Garaşsyzlygyny gazanan ilkinji ýyllaryndan başlap, Türkmenistanda saglygy goraýyş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, keselleriň öňüni almak we ýokary hilli bejeriş hyzmatlaryny ýola goýmak ugrunda giň möçberli özgertmeler amala aşyryldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen durmuşa geçirilen «Saglyk« Döwlet maksatnamasy ulgamyň ösüşine güýçli itergi berdi. Ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda gazanylan üstünlikler, täze lukmançylyk tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy, derman önümçiligi senagatynyň ösdürilmegi, saglygy dikeldiş işleriniň kämilleşdirilmegi munuň aýdyň mysallarydyr.

Soňky ýyllarda Diýarymyzyň ähli künjeginde halkara ölçeglerine laýyk gelýän hassahanalar, saglyk öýleri, saglyk maksatly merkezler gurlup, döwrebap lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edildi. Türkmenistan saglygy goraýyş babatda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy (BSGG) we beýleki halkara guramalar bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Lukmançylyk ugrundan dünýäniň öňdebaryjy uniwersitetleri hem-de merkezleri bilen tejribe alyşmak, lukmanlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak ugrunda uly işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň hassahanalarynda öňdebaryjy tehnologiýalar – kompýuter tomografiýasy, rezonans magnit tomografiýasy we hirurgiýanyň robotlaşdyrylan usullary giňden peýdalanylýar. Bu bolsa keselleri irki döwürde ýüze çykarmaga, takyk bejergi bermäge mümkinçilik döredýär.

Derman senagatyny ösdürmekde-de giň gerimli işler alnyp barylýar. Ýerli derman serişdeleriniň öndürilmegi keselleriň bejergisini çaltlandyrmaga kömek edýär. Döwlet tarapyndan derman serişdeleriniň elýeterliligini üpjün etmek maksady bilen degişli kararlaryň kabul edilmegi we ýerli çig mallardan önüm öndürýän kärhanalaryň sanynyň artdyrylmagy ilatyň zerur derman serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün edilmegine mümkinçilik berýär. Türkmenistanda ösýän dermanlyk ösümliklerden taýýarlanylýan derman önümçiliginiň artdyrylmagy bolsa tebigy serişdeleri netijeli peýdalanmaga, lukmançylykda ekologiýa taýdan arassa bejergileri ornaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzda keselleriň öňüni almakda hem möhüm çäreler dowam etdirilýär. Ilatyň saglyk ýagdaýyny barlamak üçin yzygiderli lukmançylyk gözegçilikleri geçirilýär. Çagalar we ýetginjekler üçin hökmany lukmançylyk gözegçilikleri ýola goýuldy. Ýokanç keselleriň öňüni almak maksady bilen, halkara ölçeglerine laýyklykda sanjym işleri alnyp barylýar. Bu çäreler poliomielitiň, gyzamygyň, inçekeseliň we beýleki howply ýokanç keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmek, howanyň arassalygyny saklamak boýunça işler geçirilýär.

**Allamyrat HANOW,**
*Aşgabat şäheriniň 13-nji saglyk öýüniň baş lukmany.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

► **Gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi.** Kolumbiýaly Katalina Duke «Miss International 2025» gözellik bäsleşiginde ýeňiji boldy.



Bäsleşigiň ýeňijisi 26 ýaşynda, ol Medelin şäherindäki EAFIT uniwersitetini tamamlady. Bäsleşik Ýaponiýada 80 gyzyň arasynda geçirildi. «Interneşnl gözeli» bäsleşigi 1960-njy ýyldan bäri geçirilýär we «Dünýä gözeli», «Älem gözeli» we «Zemin gözeli» bilen bir hatarda, gözellik bäsleşikleriniň «Uly dörtlügine» girýär.

► **Syýahatçylyk salgydy giriziler.** Beýik Britaniýanyň täze kanun taslamasynda ýurtda saparda bolýanlara syýahatçylyk salgydynyň girizilmegine rugsat berilýär.



Bu bolsa Angliýanyň şäherlerini Ýewropanyň ähli ýerlerinde geçirilýän tejribelere laýyk getirer. Hökümet bu girdejileriň ulag ulgamlarynyň täzelenmegine, jemgyýetçilik ýerleriniň abadanlaşdyrylmagyna, medeni maksatnamalara we syýahat tejribesiniň gowulanmagyna goldaw berip biljekdigini aýdýar.

► **Ýylyň iň gowy restoranlary.** Parižde dünýäniň iň abraýly gastronomik baýraklarynyň biri bolan «La Liste» baýragynyň gowşuryş dabarasy geçirildi.



Bu ýyl iň gowy 1000 edaranyň sanawynda 10 restoran birinji orny eýeledi. ParižDäki «Guy Savoy» ýene-de reýtingde birinji orny eýeledi. Onuň bilen birlikde, dünýäniň dürli künjegindäki 9 restoran birinji orny paýlaşdy. «La Liste» 2015-nji ýylda Fransiýa hökümetiniň başlangyjy bilen esaslandyryldy.

► **Enjamy satmak gadagan edildi.** «Christie's» auksion öýi fransuz matematigi Blez Paskal tarapyndan XVII asyrda döredilen «Paskalin» hasaplaýyş enjamynyň satuwyny ýatyrdy.



Agaçdan ýasalan özboluşly enjam Paskal tarapyndan 1642-nji ýylda, oýlap tapyjy bary-ýogy 19 ýaşyndaka işlenip düzülipdir. Hünärmenler bu lotuň bahasyny 2 million ýewrodan gowrak bahalap, ony auksionlaryň taryhyndaky iň möhüm ylmy gural diýip atlandyrdylar.

► **Dünýäniň iň kiçi aty.** Germaniýada Pumukel atly at resmi taýdan dünýäde iň kiçi at diýlip ykrar edildi we Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.



Boýy 52,6 santimetr, agramy 20 kilograma ýetýän öňki rekordçy, eýesi polşaly Bombel diýen atdan (56,7 santimetr) dört santimetr gysga. Pumukel häzirki wagtda Karola Weidemannyň fermasynda ýaşaýar. Pumukeliň aýratynlygy, ýagny dünýäde iň kelte boýly atdygy barada oňa ippoterapiýa üçin atlary saýlamak bilen meşgullanýan dosty aýdypdyr.

► **Ýalňyzlaryň sany artýar.** Soňky sekiz ýylda dünýädäki ýeke ýaşaýanlaryň sany, azyndan, 100 million artdy.



Bu ýagdaýa ösen ýurtlaryň köpüsinde duş gelinýär. Iň gurply 30 ýurtdaky ýagdaýlar seljerilende, 2010-njy ýyldan bäri olaryň 26-synda ýeke ýaşaýanaryň paýynyň artandygy ýüze çykaryldy. ABŞ-da 25-34 ýaş aralygyndaky ýeke ýaşaýan raýatlaryň sany soňky 50 ýylyň dowamynda iki esse artdy: erkekleriň 50 göterimi we zenanlaryň 41 göterimi ýoldaşsyz ýaşaýar.

► **«Alibaba» täze äýnek çykardy.** «Alibaba» kompaniýasy Hytaýda «Quark» emeli aňy bilen işleýän äýneklerini çykardy. Bu hytaý tehnologiýa kompaniýasynyň emeli aňly dakylýan enjamlar bazaryna girendigini alamatlandyrdy. «Qwen AI» modeli we «Alibaba» programmasy bilen işleýän garnituranyň bahalary 1 müň 899 ýuandan (268,25 amerikan dollary) başlar. «Meta»-nyň äýneklerinden tapawutlylykda, «Quark» äýnekleri gara plastik çarçuwaly adaty äýneklere meňzeýär.




## TARYHDA ŞU GÜN

**1854-nji ýylyň 5-nji dekabrynda amerikan oýlap tapyjysy Aaron Allen arkan ýatyrylýan teatr oturgyçlaryna patent alýar. Bu öz döwri üçin örän möhüm we peýdaly oýlap tapyşdy. Alleniň oturgyjy tomaşaçylar ýerinden turanda awtomatik usulda arkanlygyna ýapylýardy we geçelgede ep-esli boş ýer galýardy. Bu oýlap tapyş XIX asyryň ortalarynda teatrlar üçin aýratyn uly ähmiýete eýe boldy.**



# BAŞ SEKRETAR WEZIPESINE HÖDÜRLENDI

Argentina resmi taýdan Atom energiýasy boýunça halkara agentliginiň (IAEA) Baş direktory Rafael Grossini BMG-niň Baş sekretary wezipesine hödürledi. Ýurduň Daşary işler ministrligi bu barada beýanat ýaýratdy. Onda: «Argentina Respublikasy IAEA-niň häzirki Baş direktory Rafael Grossini 2027–2031-nji ýyllar üçin BMG-niň Baş sekretary wezipesine hödürlemek hormatyna eýedir» diýilýär.

Argentinanyň Daşary işler ministrliginiň beýanatynda häzirki dartgynly halkara ýagdaýlarda we çynlakaý çökgünliklerde Grossiniň diplomatik gepleşikleri ösdürmek ukybyny görkezendigi we bu ýagdaýyň ony BMG-niň Baş sekretary wezipesine laýyk dalaşgär bolmaga mümkinçilik berendigi bellenilýär.

BMG-de resmi taýdan onunjy Baş sekretary saýlamak prosesi başlady. Guramanyň Baş sekretary wezipesine dalaşgärler agza döwletler tarapyndan hödürlenýär, şunda her ýurduň diňe bir dalaşgär hödürlemäge hukugy bar. Baş sekretary saýlamak işi 2026-njy ýylyň iýul aýynyň ahyryna meýilleşdirildi. Golaýda Rafael Grossi we Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we Ösüş boýunça Konferensiýasynyň



(UNCTAD) Baş sekretary Rebeka Grinspen iň iri halkara guramanyň başlygy wezipesine dalaşgär bolmak niýetlerini yglan etdiler.

Baş sekretar BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan saýlanýar hem-de Baş Assambleýa tarapyndan tassyklanýar. Onuň ygtyýarlylyk möhleti bäş ýyl bolup, täzeden saýlanmaga mümkinçiligi bar. Möhletde çäklendirme ýok, ýöne mundan öň hiç kim bu wezipäni 10 ýyldan köp eýelemedi. Öňden dowam edip gelýän tejribä görä, BMG-niň Baş sekretary Russiýa, Beýik Britaniýa, Hytaý, ABŞ we Fransiýa ýaly Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalarynyň arasyndan saýlanmaýar. Howpsuzlyk Geňeşinde geçirilen gizlin ses berişlikde, azyndan 9 ses alyp tassyklanan dalaşgärler Baş Assambleýadaky ses berişlikde 97 ýurduň sesini almalydyr.

Ýatlap geçsek, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy hem-de BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi indiki Baş sekretary bellemek maksady bilen, agza ýurtlara hat ýollady. BMG-niň Baş Assambleýasynyň başlygy Annalena Berbok hem-de Howpsuzlyk Geňeşiniň döwürleýin başlygy, Sýerra-Leoneniň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili Maýkl Imran Kanu täze Baş Sekretaryň saýlanmagy we bellenmegi üçin bilelikdäki hata gol çekdiler.

Annalena Berbok halkara gatnaşyklar ulgamynda BMG-ä hemişekisinden has köp zerurlyk duýulýandygyny, sebäbi onuň dünýäniň ähli ýurtlaryny bir ýere jemläp bilýän ýeke-täk gurama bolmagynda galýandygyny belledi. Baş Assambleýanyň başlygy agza ýurtlary BMG-niň Baş sekretary üçin dalaşgärleri hödürlemäge çagyrdy.

Döwletlere ugradylan hatda: «Baş sekretar wezipesinde hiç bir zenanyň bolmandygy gynandyryjy ýagdaýdyr, karar kabul ediji ýokary derejeli wezipelere ýetmekde zenanlaryň we erkekleriň deň mümkinçiliklere eýe bolmalydygyna ynanýarys» diýlip bellenilýär. Şeýle hem hatda her bir agza döwletiň aýratynlykda ýa-da beýleki ýurtlar bilen bilelikde şol bir dalaşgäri teklip edip biljekdigi bellenilýär.

2017-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan bäri bu wezipäni iki möhlet ýerine ýetirýän Antoniu Guterreşiň wezipe ygtyýarlylyklary geljek ýylyň 31-nji dekabrynda tamamlanýar.



# GÖZLEG IŞLERI GEÇIRILER

**Türkiýäniň Energetika we tebigy serişdeler ministri Alparslan Baýraktar Pakistanyň gury ýer we deňiz ýataklarynda nebit we gaz gözlemek hem-de çykarmak barada ylalaşyga gol çekilendigini mälim etdi.**

**Bu karar iki ýurduň resmi wekilleriniň gatnaşmagynda Yslamabatda geçirilen gepleşikleriň netijesinde kabul edildi.**

**Bu ylalaşyk Türkiýäniň döwlet eýeçiligindäki TPAO nebit kompaniýasy bilen Pakistanyň «Mari Energies», «Fatima», «OGDCL», «PPL», «Prime» we GHPL ýaly energiýa kompaniýalarynyň Pakistanyň bäş sany geljegi uly ýatagynda gözleg geçirmek we özleşdirmek boýunça bilelikdäki tagallalaryny göz öňünde tutýar, olaryň üçüsi deňiz zolagynda ýerleşýär.**

**A.Baýraktar Türkiýäniň TPAO nebit kompaniýasynyň geljekde Pakistanyň deňiz ýataklarynyň biriniň operatory hökmünde çykyş etjekdigini belledi.**

**– Geljek ýylyň başynda Türkiýe Pakistanyň kenarlarynda seýsmiki barlaglary geçirmek maksady bilen gämilerini iberer. Energiýa gorlary barada oňyn habarlaryň bolmagyna umyt edýäris. Biz käbir ýataklarda seýsmiki barlaglary, käbirlerinde bolsa göni buraw işlerini geçirmegi meýilleşdirýäris – diýip, ministr aýtdy.**



## Halkara syýahatçylygy ösýär

BMG-niň Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň (UNWTO) soňky maglumatlaryna görä, halkara syýahatçylaryň akymy 2025-nji ýylyň ahyryna çenli ösüşini dowam etdirer.

UNWTO-nyň «Bütindünýä syýahatçylyk barometri» atly çärýeklik hasabatyna görä, ýylyň ilkinji dokuz aýynda 1,1 milliarddan gowrak adam halkara syýahatçylygyny amala aşyrdy, bu bolsa 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, takmynan, 5 göterim köp.

Aziýa-Ýuwaş ummany sebitine ýanwar we sentýabr aýlary aralygynda syýahatçylaryň akymy 8 göterim artdy. Sanlar 2019-njy ýylyň derejesinden, takmynan, 10 göterim pes bolmagynda galsa-da, pandemiýadan soň dikelmegini dowam etdirýär.

Afrikada halkara syýahatçylaryň sany ep-esli artdy, görkeziji Demirgazyk Afrikada 11 göterim, Sahara çölüniň günortasyndaky ýurtlarda bolsa 10 göterim ýokarlandy. Ýewropa dünýäde iň meşhur syýahatçylyk ugry bolmagynda galýar: 2025-nji ýylyň ilkinji dokuz aýynda 625 million syýahatçy geldi, bu geçen ýyl bilen deňeşdirilende 4 göterim köp.

Demirgazyk Amerikada, takmynan, 1 göterim pese gaçyş hasaba alyndy. Günorta Amerikada 9 göterim we Merkezi Amerikada syýahatçylygyň ösüşi 3 göterime deň boldy, munuň sebäbi birnäçe ugurlarda ýokary isleg bilen baglanyşyklydyr.

– 2025-nji ýylda halkara syýahatçylygy ýokary syýahatçylyk hümmetsizlenme we geosyýasy dartgynlylyklara garamazdan, syýahatçylaryň sany, şeýle-de girdejiler boýunça hem durnukly ösüş görkezmegini dowam edýär. Afrika we Ýewropa aýratyn ýokary netijeleri görkezdiler – diýip, BMG-niň Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasynyň (UNWTO) baş sekretary Zurab Pololikaşwili metbugat üçin beren beýanatynda aýtdy.

Gurama 2025-nji ýylda pudakda 3-5 göterim ösüş boljakdygyny çaklamak bilen, geosyýasy näbelliligiň we ýokary çykdajylaryň pudagyň geljegi üçin töwekgelçilikli bolmagynda galýandygyny belleýär.

## Kofeni has köp sarp edýän ýurtlar

Global kofe bazary ösmegini dowam etdirýär, ýöne bu hoşboý ysly içginiň sarp edilişi dünýäniň dürli künjeklerinde düýpli tapawutlanýar. Demirgazyk Ýewropa ýurtlary öňden gelýän kofe däpleri we ýokary girdejileri bilen öňe saýlanyp, adam başyna düşýän kofeniň sarp edilişiniň mukdary boýunça-da öňdeligi eýeleýär.

«Cafely» kompaniýasynyň maglumatlaryna esaslanyp taýýarlanan täze infografika 2025-nji ýylda adam başyna düşýän gündelik kofe sarp edilişi boýunça 65 ýurdy deňeşdirýär hem-de dünýäde kofe içmek endikleriniň arasyndaky tapawutlary aýdyň ýüze çykarýar.

Demirgazyk Ýewropa kofe garaşlylygynyň global merkezi bolmagynda galýar. Lýuksemburg her gün adam başyna 5,31 çaşka kofe bilen dünýä sanawynda birinji orny eýeläp, ykdysadyýeti güýçli ýurtlardan ep-esli öňe saýlanýar. Lýuksemburgyň ýokary görkezijisi «kros-borderler», ýagny serhetden geçip işleýänleriň köp sanlysy bilen düşündirilýär. Ähli işçileriň tas ýarysy (47%) daşary ýurtlarda ýaşaýar we olaryň gündelik kofe sarp edilişi Beýik Gersoglygyň statistikasyna girizilýär.

Ösen kofe medeniýetleri bilen öňden bäri tanalýan Finlýandiýa we Şwesiýa yzda galýar. Sanawyň ilkinji onlugyndakylaryň ählisi Ýewropa döwletleridir, bu bolsa ýaşaýjylaryň köpýyllyk isleglerini we olaryň satyn alyjylyk ukybyny görkezýär.

Absolýut sarp ediş möçberleriniň uludygyna garamazdan, ABŞ, Ýaponiýa we Braziliýa ýaly iri ýurtlar adam başyna has pes görkezijileri görkezýärler. Günde adam başyna ortaça 1,22 çaşka içýän Birleşen Ştatlar 24-nji orunda durýar. Gülläp ösýän kofehanalary we meşhur konserwirlenen kofeleriniň bardygyna garamazdan, Ýaponiýada günde adam başyna bir çaşkadan az kofe içilýär. Dünýäniň iň uly kofe öndürijisi bolan Braziliýa 18-nji orunda ýerleşip, 1,58 günde bir çaşka kofe içilýär.




Sanawyň soňunda ilatyň çaý ýa-da beýleki içgileri makul bilýän ýurtlary ýerleşýär. Hindistanda iň pes sarp ediliş hasaba alnyp, görkeziji günde bary-ýogy 0,02 çaşka deň bolup, bu her ýedi hepdeden bir çaşka kofä barabardyr. Afrikanyň we Günorta Aziýanyň birnäçe ýurtlary hem pes görkezijileri görkezip, adatça, günde 0,3 çaşkadan az kofe içýärler.

## TOKAÝLARY DIKELTMEKDE ÖŇDEBARYJY DÖWLETLER

Ýer togalagynyň «öýkeni» hökmünde görülýän tokaýlar kömürturşy gazyny özüne siňdirip, kislorod bölüp çykarýar. Şeýle hem, tokaý zolaklary öz ekoulgamyny we suw aýlanyşyny emele getirip, müňlerçe kilometr uzaklykdaky ýerlere täsir edýär. Soňky onýyllyklarda Amazoniýa millionlarça gektar tokaý ýitiren bolsada, birnäçe ýurt tokaýlary dikeltmek maksatnamalaryny işjeň durmuşa geçirýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň (FAO) maglumatlaryna esaslanýan täze infografika 2015-nji ýyldan bäri tokaý meýdanlaryny giňeltmek boýunça haýsy ýurtlaryň tapawutlanýandygyny görkezýär.

1970-nji ýyllardan bäri Hytaýda «Beýik ýaşyl diwar» başlangyjynyň çäginde müňlerçe, belki-de millionlarça agaç ekildi. Bu maksatnama Gobi we Taklamakan çölleriniň çägeleriniň şäherlere aralaşmagynyň öňüni almak üçin işlenip düzüldi. 2050-nji ýyla çenli tamamlanmagy meýilleşdirilýän taslama dürli netijeleri görkezse-de, ýurtda 2015-nji ýyldan bäri tokaý meýdanlarynyň sap artyşy 1,7 million gektara deň boldy.

Russiýa soňky 10 ýylyň içinde 942 müň gektar ösüş bilen dünýäde ikinji orny eýeleýär. Muňa 2018-nji ýylda tokaý meýdanlarynyň köpelişini çaltlandyrmak boýunça badalga berlen milli çäreler ýardam berdi.

Hindistan hem tokaýlary dikeltmek boýunça uly maksatnamalary durmuşa geçirýär. Howanyň üýtgemegi boýunça borçnamalaryň çäginde ýurt 2030-njy ýyla çenli 26 million gektar tokaýy dikeltmegi meýilleşdirýär. 2015-nji ýyldan bäri bu ýerde tokaý örtüginiň arassa ösüşi 191 müň gektar bolup, bu dünýäde üçünji görkezijidir.




## HYTAÝLY SYÝAHATÇYLAR ÜÇIN WIZANY ÝATYRDY

**Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin Hytaýyň raýatlaryna 2026-njy ýylyň 14-nji sentýabryna çenli özara esasda 30 güne çenli syýahatçylyk we iş saparlary üçin ýurda wizasyz girmäge rugsat berýän karara gol çekdi.**

**Resminamada Hytaý Halk Respublikasynyň raýatlarynyň geljek ýylyň 14-nji sentýabryna çenli syýahatçy hökmünde ylmy, medeni, jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we sport çärelerine gatnaşmak, şeýle hem üstaşyr geçmek üçin myhman ýa-da iş sapary bilen 30 günden köp bolmadyk möhletde Russiýa Federasiýasyna girmäge we galmaga hukugynyň bardygy bellenilýär. Emma bu düzgün iş, ýaşamak ýa-da bilim almak maksady bilen Russiýa girýän hytaýly raýatlara degişli däl.**

**Ýatlap geçsek, öň Hytaý şu ýylyň 15-nji sentýabryndan geljek ýylyň 14-nji sentýabryna çenli adaty daşary ýurt pasportlaryna eýe bolan rus raýatlary üçin synag maksatly wizasyz düzgüni girizmek barada karar kabul edipdi. Oňa laýyklykda, rus raýatlary täjirçilik maksatly, syýahatçylyk, garyndaşlary we dost-ýarlary bilen görüşmek, üstaşyr geçmek üçin Hytaýa wizasyz baryp bilerler. Olaryň Hytaýda wizasyz galmak möhleti 30 günden geçmeli däl.**



# IŇ GOWY KÖÇE TAGAMLARY

**Her halkyň özüne mahsus tagamlary we tagam taýýarlaýyş usullary bar. Datlylygy we elýeterliligi bilen tapawutlanýan köçe tagamlary dünýä aşhanasynda dürlüligi emele getirýär. Köçe tagamlary ýurduň medeniýetini we taryhyny iň ýakyn görnüşde öwrenmäge ýardam berýär. Gazetimiziň şu sanynda dürli halklara mahsus iň gowy köçe tagamlary bilen tanyşdyrmagy makul bildik.**



**Falafel, Orta Gündogar.** Owradylan nohut bilen künjüden mynçgylanyp, tokga edilip gowrulýan falafel Ýakyn Gündogaryň iň meşhur köçe tagamlarynyň biridir. Esasan hem, bu iýmiti taýýarlamaga müsür we liwan aşhanalarynda has uly üns berilýär. «Gowrulan topjagaz» hem diýilýän bu tagama çörek owuntyklarydyr duzlanan gök önümler hem goşulyp, gök otlar bilen bilelikde hödür edilýär. Falafel Dubaýyň köçe tagamlarynyň iň meşhurlarynyň biridir. Bu tagam gök önüm söýüjileriň iň halaýan iýmitleriniň biridir.



**Ban mi, Wýetnam.** Fransuz we Aziýa tagamlaryny birleşdirýän ban mi bagetiň arasyna goýlup taýýarlanylýan wýetnam sendwiçidir. Bu tagam et, paştet, ter we duzlanan gök önümler (hyýar, käşir, turp, burç), gök otlar goşulyp taýýarlanylýar. Wýetnamlylar milli tagamy üçin tüwi unundan baget bişirýärler. Soňra uzyn çöregi ýarym görnüşde kesip, içine dürli huruşlary goýup müşderilere hödür edýärler. Wýetnam sendwiçi maýonezli, balyk sously ýa-da soýa sously görnüşde taýýarlanylýar. Häzirki wagtda Wýetnamyň tiz tagamy hasaplanýan ban mi dünýäniň dürli ýurtlaryna ýaýran iň meşhur köçe tagamlarynyň biridir.



**Tako, Meksika.** Et, deňiz önümleri, owunjak dogralan gök önümler, awakado, peýnir we sous goşulyp taýýarlanylýan bu tagam iki bükülen ýassy çöregiň arasyna goýlup hödür edilýär. Meksikalylaryň milli tagamy bolan takony taýýarlamak üçin mekgejöwen unundan ýukajyk çelpek bişirilýär. Takonyň meksikan nusgasyndan başga-da, ýeralma we fransuz peýniri salnyp taýýarlanylýan fransuz görnüşi hem bar. Agzyňda eräp gidýän bu köçe tagamy ýumşaklygy we datlylygy bilen tapawutlanýar.



**Karriwurst, Germaniýa.** Dilimlenip gyzardylan şöhladyň üstüne karri tagamly pomidor üwmeji goýlup hödür edilýän bu tagam Germaniýada iň köp iýilýän tiz tagamlaryň biridir. Adatça, karriwurstyň ýany bilen inçejik dogralyp gowrulan fransuz ýeralmasy (badat) we bulka ýaly çörek berilýär. Ikinji jahan urşundan soň Berlinde dörän bu tagam nemes aşhanasynyň nyşanydyr.



**Çurros, Ispaniýa.** Däp boýunça ertirlik nahary ýa-da çaýyň ýany bilen iýmek üçin berilýän bu tagam Ispaniýada iň köp iýilýän süýjülikleriň biridir. Bu tagamy taýýarlamak üçin ilki hamyr ýugrulýar we inçejik turbadan geçirilip, ýagda gowrulýar. Soňra gyzardylan çöpjagazlar bir käse gyzgyn şokolad bilen bilelikde hödür edilýär. Çurros taýajyk ýaly görnüşde hem, tegelek, ýarym aýlaw görnüşde hem bolup bilýär. Ispan çopanlary tarapyndan oýlanyp tapylan çurros iň meşhur köçe tagamlarynyň biridir.



**Döner kebap, Türkiýe.** Türk gastronomiýasyndan gözbaş alýan döner kebap Osman imperiýasy döwründe oýlanyp tapylýar. Ilkibaşda közüň üstünde keseligine goýlup bişirilen bu tagam 1850-nji ýyllardan soň dikligine bişirilip başlanypdyr. Türkiýäniň Bursa şäheri döneriň dörän ýeri hasaplanyp, XX asyryň ahyrynda çalt tagam görnüşinde çöregiň arasyna goýlup köpçülikleýin satylyp ugraýar. Adatça, döner kebap goýun etinden taýýarlanylýar. Soňky ýyllarda bu köçe tagamy sygyrdyr towuk etinden hem taýýarlanylýar. Döner kebap çöregiň arasyna goýlup, owunjak dogralan gök önümlerdir pomidor sousy bilen bilelikde hödür edilýär.



**Pani puri, Hindistan.** Hamyrdan ýasalyp, gyzardylyp gowrulýan içi boş topjagazlaryň içine gaýnadylan ýeralma, nohut, sogan we gök otlar salnyp taýýarlanylýan pani puri hindileriň iň meşhur köçe tagamy hasaplanýar. Taýýarlanylýan ýerine baglylykda, limonyň suwy we gök otlar bilen bilelikde hödür edilýän bu tagam Aziýanyň beýleki ýurtlarynda hem taýýarlanylýar.





**Takoýaki, Ýaponiýa.** Gaýnadylan osminogdan ýukajyk hamyr dolanyp, ýörite tabada togalak edilip bişirilýän bu tagam gyzgynlygyna müşderilere hödür edilýär. Üstüne owunjak dogralan deňiz otlary sepilip, maýonez bilen bilelikde berilýän takoýaki Osakada dörän tagam hasaplanýar. Takoýaki festiwallarda, bazarlarda, restoranlarda hödür edilýän iň meşhur köçe tagamlarynyň biridir.

**Jerk towuk budy, Ýamaýka.** Hoşboý ysly otlar bilen marinad edilip, mangalda bişirilýän towuk budy ýamaýka aşhanasynyň iň meşhur köçe tagamlarynyň biridir. Tüssäniň we otlaryň ysy urýan bu tagam köplenç gaýnadylan tüwi we dilimlenen limon bilen bilelikde hödür edilýär.





# Taryh bilen kosmosy birleşdirýän muzeý

**Golaýda Birleşen Arap Emirlikleriniň paýtagty Abu-Dabide açylyp ulanmaga berlen tebigy taryh muzeýi görenleri haýran galdyrýar. Ýakyn Gündogaryň iň uly muzeýi derejesine eýe bolan bu ýerde myhmanlara seýrek duş gelýän tapyndylar we iri ylmy kolleksiýalar hödürlenýär. Tebigy taryh muzeýinde asman jisimleri bilen bagly galereýalar hem bolup, kosmosyň 13 milliard ýyllyk taryhyna özboluşly syýahaty hödürleýär.**

**Daş-töweregi baglyk bilen gurşalan bu muzeý Saadiýat adasynda ýerleşýär. Beýikli-pesli ak binalary bolan muzeý orta asyrlary ýadyňa salýar. Abu-Dabiniň tebigy taryh muzeýinde myhmanlary ajaýyp zauropod maşgalasy (dinozawrlar) garşylaýar. Bu ýerde ähli ýaşdaky myhmanlary özüne çekjek birnäçe gyzykly galereýalar we sergi meýdançalary bar.**

**Abu-Dabiniň tebigy taryh muzeýi Ýeriň döreýşiniň taryhyny, ýaşaýşyň ösüşini we uzak kosmosyň gelip çykyşyny beýan edýän birnäçe bölümden durýar. Şeýle hem muzeýde abat saklanyp galan tirannozawryň galyndylaryny, Aýdan getirilen daşy we 25 metrlik kitiň kelleçanagy ýaly täsin eksponatlary ýakyndan synlap bolýar.**

**Iň seýrek tapyndylaryň arasynda özboluşly ysy bilen tanalýan 4,5 milliard ýyllyk kosmos daşy (Murçison meteoriti), şol sanda aýlanýan eksponatlar we dinozawrlaryň süňklerinden düzülen triseratops sürüsi hem bar.**

**Muzeýiň maksady tebigat we taryh barada habarlylygy ýokarlandyrmakdan, geçmiş bilen geljekki nesilleri baglanyşdyrmakdan ybaratdyr.**

## ÇAGALAR

**Smartfonlaryň köpüsi +45 dereje gyzgynlykdan -20 dereje sowuga çenli işlemek üçin niýetlenendir.**

# Sizem düýş görýäňizmi?!

**Bilermenler düýş görmegiň begençli ýa-da gorkuly wakanyň aňasty aňda täsir galdyrmagy esasynda döreýändigini belleýärler. Ukudaky başdangeçirmeler gaýtalanýan düýşler, oraşan düýşler, arzuwly düýşler we gorkuly düýşler ýaly birnäçe topara bölünýär. Bellemeklerine görä, çagalyk döwründe düýş görmek has ösen derejä eýe bolup, adatça her gün diýen ýaly düýş görülýär. Adam ulaldygyça düýşler hem azalýar. Käbir adam bütin ömründe bir-iki gezek düýş görýär. Käbir adam bir gijäniň dowamynda 3-4 wakaly düýş görýär.**

**Düýş arzuwlar, pikirler we duýgular esasynda döreýän ukudaky başdangeçirmeler hasaplanýar. Görülýän düýşleriň 75-80 göterimi gündizki hereketler, oý-pikirler bilen baglydyr. Gündizki wakalar täsirli we üýtgeşik görnüşde düýşümize girýär. Mysal üçin, guş ýaly uçmak, arzuw edýän ýeriňe syýahata gitmek, doglan günüňe garaşýan sowgadyň edilmegi we ş.m.**



**Düýşüň dowamlylygy näçe wagt?**

**Adatça düýşüň dowamlylygy birnäçe sekuntdan geçmeýär. Ýöne oýananymyzda, düýşümizde 1-2 sagada çeken wakany başdan geçiren ýaly duýýarys. Käte ukudan oýananymyzda düýşümiziň dowamyny görmek isleýäris. Käte gören düýşümiz anyk ýadymyza düşýär, käte düýşümizi ýadymyza salyp bilmeýäris. Bu ýagdaý beýniniň işjeňligi bilen baglydyr.**

# Sowuk howa telefona täsir edýärmi?

**Gyş paslynyň gelmegi bilen üşemezlik üçin galyň egin-eşikler geýilýär. Sowuk howa diňe özümize däl, eýsem, ulag serişdelerine, hojalykda ulanylýan enjamlara, hatda telefonymyza hem öz täsirini ýetirýär. Sowuk howada birden telefonyňyzyň öçendigini, işläp durka duýdansyz ýüzüniň ýapylandygyny ýa-da zarýady gowşak saklaýandygyny gören bolsaňyz gerek. Eýsem, munuň sebäbi näme?!**

Sowuk howa telefonyň batareýasyna zyýan ýetirmek bilen bir hatarda, smartfonyň ekranyna we datçiklerine hem täsir edýär. Gyş paslynda telefonyň zarýad saklaýşyna we ulanylyş aýratynlyklaryna üns bermeli. Hünärmenler sowuk howada telefonyň gowşak işlemeginiň sebäbini batareýadaky ionlaryň hereketi bilen düşündirýärler. Smartfonlarda adatça litiý-ion batareýalary ulanylýar. Batareýada himiki täsirleşme (reaksiýa) esasynda zarýadly bölejikler zynjyrlara iberilip, energiýa öndürilýär. Sowuk howa bolsa, bu täsirleşmäni haýalladýar. Zarýadlanan bölejikler hereket etmekde kynçylyk çekýärler we batareýanyň garşylygy ýokarlanýar. Netijede, telefonyň zarýady birden çöküýär ýa-da telefonyň ýüzi ýapylyp bilýär. Sowuk howada telefonyň zarýad alşy hem üýtgäp durýar. Mysal üçin, bir minutda 50% zarýad alyp, indiki minutda batareýa doly çöküýär. Sebäbi batareýanyň içki himiki gurluşy sowukda deňagramsyz bolýar. Gyşda telefonyň LCD ekrany doňup, haýallap ýa-da ýüzi bulaşyp hem bilýär. Şeýle hem howanyň pes temperaturasynda telefonyň içki datçikleriniň duýgurlygy hem ýitip bilýär.



**Telefonyň işleýiş temperaturasynyň çägi**

Smartfonlaryň köpüsi +45 dereje gyzgynlykdan -20 dereje sowuga çenli işlemek üçin niýetlenendir. Smartfonyň käbir görnüşi -35 derejede hem üýtgemän işleýär. Aşa sowuk ýurtlarda gyş paslynyň gelmegi bilen telefon ulanylyşy azalýar. Oňa derek wagty we ugry kesgitlemek üçin goşar sagatlary ulanylýar.

**Sowukda telefony nähili ulanmaly?**

Smartfony gyş eşiginiň içki jübüsinde götermeli. Şeýlelikde, bedeniň ýylylygy telefony hem gyzdyryp durýar. Eger «akylly» sagat dakynýan bolsaňyz, bu enjamy penjegiňiziň ýa-da paltunyň ýeňi bilen ýapyp, doňmagynyň öňüni alyp bilersiňiz. Buz ýaly telefona zarýad berilmeýär. Telefon adaty temperatura geçenden soň, batareýasynyň işleýşi kadaly ýagdaýa gelýär. Eger telefonyňyz «üşän» bolsa, otag temperaturasynda goýup, haýaljakdan gyzýança garaşmaly. Sowuk ýerden birden gyzgyn ýere geçirilmegi telefona zeper ýetirip biler. Bu enjamy gyzdyrmak üçin pejiň ýanynda ýa-da mikrotolkun pejiň içinde goýmaly däl. Hünärmenler aşa sowuk howada telefony seýrek ulanmagy we ýyly saklamagy maslahat berýärler.

# Otuň ýapragy

(Tymsal)

**Güýz paslynda günleriň bir güni otuň ýapragy agajyň ýapragyna şeýle diýipdir:**

**- Aşak gaçýan mahalyň gopgun baryny turzup, meniň bütin gyşky ukymy bozýarsyň.**

**Güýz ýapragy rahatlygy bozmazdan şeýle jogap beripdir:**

**- Eý, nalajedeýin haşal ot! Sen ýokarda ýaşamaýandygyň üçin, hoş owaz bilen nagma kakmagyň nämedigini bilmeýärsiň.**

**Şol wagt güýz ýapragy ýere düşüp, uka gidipdir. Bahar gelende bolsa, otuň ýapragy bolup ukudan oýanypdyr.**

**Aýlar-günler geçip ýene-de güýz gelipdir. Özüni gyş ukusy gaplap alan otuň ýapragy ýokardan dökülýän agajyň ýapraklaryna öz ýanyndan şeýle diýipdir:**

**- Ah, güýz ýapraklary! Bular şagyrdaşyp gopgun baryny turuzýarlar. Olar meniň bütin gyşky ukymy bozýarlar...**

**Hakyky düşünje diňe şahsy tejribeler we durmuşyň özgermegi arkaly kemala gelýär. Siz beýlekileri olaryň ornuna geçmezden öň ýazgarmaň. «Gülme goňşyňa, geler başyňa» diýlişi ýaly, bilmeýän we düşünmeýän zadyňy tankytlamaly däl. Sebäbi şu günki tankydyňa ertirki gün özüň hem uçrap bilersiň. Günleriň bir güni durmuş siziň başyňyza hem şol ýagdaýy getirip biler.**



## Şekilli sudoku



## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## 10 tapawudy tapyň!



## Gyzykly pursat



# 9-njy gezek Dünýäniň çempiony boldy

Dünýä Ralli çempionatynda 53-nji möwsümiň çempiony iň soňky bäsleşikde belli boldy. Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirilen 319,44 kilometrlik ýaryşda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 3 sagat 21 minut 17,3 sekuntda tamamlap, möwsümdäki ilkinji, karýerasy boýunça-da 22-nji ýeňşini baýram etdi. Toparyň fransuz sürüjisi Adrien Furma ýeňijiden 54,7 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. «Toyota Gazoo» toparynyň fransiýaly meşhur sürüjisi Sebastien Ožie ýaryşy 3 sagat 22 minut 20,6 sekuntda tamamlap, 3-nji orna mynasyp boldy. Bu üçünjilik 41 ýaşyndaky sürüjiniň möwsümi çempionlyk bilen tamamlamagy üçin ýeterlik bolup, ol iň soňky bäsleşikden öň sanawyň lideri, «Toyota Gazoo» toparynyň britan sürüjisi Elfin Ewansdan 3 utuk yzda barýardy.

Şeýlelikde, Ožie utugyny 293-e ýetirdi we Ewansdan 4 utuk öňe geçip, karýerasy boýunça 9-njy gezek Dünýä Ralli çempionatynyň çempionlygyny gazandy. Ol mundan öň 2013–2018-nji ýyllar aralygynda yzly-yzyna 6, 2020–2021-nji ýyllarda-da bassyr 2, umumylykda 8 gezek çempionlyk gazanypdy.



Ewans bolsa ýaryşy 6-njy orunda tamamlap, ýene-de çempionlygy elden giderdi we bassyr 3-nji, soňky 6 ýylda 5-nji gezek 2-nji ýer bilen kanagatlanmaly boldy.

Ožie 9-njy çempionlygyny gazanmagyndan soň bu ugurda watandaşy hem atdaşy Sebastien Lýob bilen deňleşdi. Dünýä Ralli çempionatynda finlýandiýaly sürüjiler Ýuha Kankkunen bilen Tommi Makinen 4 gezek çempionlyk gazanyp, 3-4-nji orunlary paýlaşýarlar.





# Werstappeniň 70-nji ýeňşi

Formula 1 boýunça möwsümiň 23-nji ýaryşy Kataryň Lusail şäherinde geçirildi. 57 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi Oskar Piastri ilkinji hatardan bat alsa-da, «Red Bull» toparynyň niderland piloty Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 1 sagat 24 minut 38,241 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 7-nji, karýerasy boýunça-da 70-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Ýaryşda «McLaren» toparyndan Piastri 2-nji orny eýeläp, ol ýeňijiden 7,995 sekunt yza galdy. Münberiň üçünjilik basgançagyna bolsa «Williams» toparynyň ispan sürüjisi Karlos Saýns Junior çykdy. Sanawyň lideri «McLaren» toparynyň britan piloty Lando Norris bolsa 4-nji ýeri eýeledi. «Mercedes» toparynyň sürüjileri Kimi Antonelli bilen Jorj Rassell 5-6-njy orunlary paýlaşdylar.

### Çempionlyk iň soňky ýaryşa galdy

● Şunlukda, möwsümiň tamamlanmagyna 1 ýaryş galanda, çempionlyk ugrunda 3 sürüjiniň arasynda ýiti göreş dowam edýär. 408 utugy bolan Norris 1-nji ýerde barýar. Piastriden 4 utuk öňe saýlanan Werstappen 396 utuk bilen 2-nji ýeri eýeleýär. 3-nji orna düşen Piastriniň 392 utugy bar.

Çempiony kesgitlejek möwsümiň 24-nji we iň soňky ýaryşy 7-nji dekabrda BAE-niň paýtagty Abu-Dabi şäherinde geçiriler. Bu ýaryşda Norris öňdäki 3 orny eýelän ýagdaýynda gürrüňsiz çempion bolýar. Ýa-da Norris Werstappeniň çempionlygy üçin, onuň ýeňiş gazanyp, Norrisiň 4-nji ýa-da ondan aşakdaky orunlarda tamamlamagy gerek. Piastriniň çempionlygy üçin bolsa Norrisiň 6-njy ýa-da ondan aşakdaky orunlary eýelemegi zerur. Piastri 2-nji bolup, Norris 10-njy, Werstappen 5-nji ýeri eýelese, şonda-da awstraliýaly sürüji çempionlyk gazanar.

# ÝYLYŇ ÝEŇIL ATLETIKAÇYLARY SAÝLANDY

Halkara ýeňil atletika federasiýasy ýylyň saýlama türgenlerini mälim etdi. Şol mynasybetli Monakonyň merkezi Monte-Karlo şäherinde geçirilen dabarada şwesiýaly syrykly bökmegiň ussady Armand Duplantis erkekleriň arasynda, amerikaly sprinter Sidni MakLaflin-Lewron zenanlaryň arasynda 2025-nji ýylyň ýeňil atletikaçylary diýlip saýlandy.

Duplantis şu ýylyň dowamynda özüne degişli dünýä rekordyny 4 gezek täzelemegi başardy. Ol bu baýragy 3 gezek alan 2-nji ýeňil atletikaçy bolup, ondan öň ýamaýkaly Usain Bolt şeýle başarnyk görkezipdi. Duplantis 2020-nji, 2022-nji ýyllarda-da erkekleriň arasynda ýylyň ýeňil atletikaçysy diýlip saýlanypdy.



Şol bir wagtyň özünde, Duplantis şu ýylky dabarada erkekleriň arasynda meýdançadaky ýylyň ýeňil atletikaçysy baýragy bilenem sylaglandy.

Päsgelçilikli 400 metr hem-de 400 metr ylgaw ýaryşlarynyň ussady Sidni MakLaflin-Lewron hem 2022-nji ýyldan soň bu baýraga 2-nji gezek laýyk görüldi. 26 ýaşyndaky zenan türgen 400 metre ylgamakda Dünýä çempionatynyň 42 ýyllyk rekordyny täzeläpdi. Sidni MakLaflin-Lewron zenanlaryň arasynda ýodadaky ýylyň ýeňil atletikaçysy baýragyna hem mynasyp boldy.





Dabaranyň dowamynda keniýaly ylgaýjy Emmanuel Wanýoni (erkekleriň arasynda ýodadaky ýylyň ýeňil atletikaçysy), awstraliýaly Nikola Olisalagers (zenanlaryň arasynda meýdançadaky ýylyň ýeňil atletikaçysy), keniýaly Sebastian Sawe (erkekleriň arasynda stadionyň daşyndaky ýylyň ýeňil atletikaçysy), ispaniýaly Mariýa Peres (zenanlaryň arasynda stadionyň daşyndaky ýylyň ýeňil atletikaçysy), keniýaly Edmund Serem (erkekleriň arasynda ýylyň ösüp barýan ýyldyzy), hytaýly Çžan Sziale (zenanlaryň arasynda ýylyň ösüp barýan ýyldyzy) dürli baýraklaryň ýeňijileri diýlip yglan edildi.





**5-nji dekabr (anna)**

- Galatasaraý – Samsunspor (22:00)
- Brest – Monako (23:00)
- **Lill – Marsel (01:00)**
- **Benfika – Sporting (01:15)**

**6-njy dekabr (şenbe)**

- **Aston Willa – Arsenal (17:30)**
- Wilýarreal – Hetafe (18:00)
- Spartak – Dinamo (18:30)
- Ştutgart – Bawariýa (19:30)
- Augsburg – Baýer (19:30)
- Bornmut – Çelsi (20:00)
- **Man. Siti – Sanderland (20:00)**
- **Tottenham – Brentford (20:00)**
- Nant – Lans (21:00)
- **Inter – Komo (22:00)**
- **Lids – Liwerpul (22:30)**
- **Betis – Barselona (22:30)**
- Leipsig – Aýntraht (22:30)
- **Inter Maýami – Wankuwer W. (00:30)**
- **Atletik – Atletiko (01:00)**
- **PSŽ – Renn (01:05)**

**7-nji dekabr (ýekşenbe)**

- Kaliari – Roma (19:00)
- **Krasnodar – SSKA (21:00)**
- Borussiýa D – Hoffenhaým (21:30)
- Lasio – Bolonýa (22:00)
- **Napoli – Ýuwentus (00:45)**
- Real Madrid – Selta (01:00)

**8-nji dekabr (duşenbe)**

- Torino – Milan (00:45)
- Wulwerhempton – M. Ýunaýted (01:00)

# 100 gola iň çalt ýeten futbolçy

Angliýanyň çempionatynda soňky 7 günüň dowamynda 13-14-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 13-nji tapgyrda «Lidsi» (3-2) kynlyk bilen ýeňen Mançester Siti topary Londonda «Fulham» bilen duşuşyp, oýunda 9 gol hasaba alyndy. Çekeleşikli geçen duşuşykda



«Mançester Siti» 54 minutda 5-1 hasabynda öňe saýlandy. Şäherlileriň gollaryny Holann (17), Reýnders (37), Foden (44, 48) hem-de Sander Berge (54 ö.d.) geçirdi. Ýer eýeleri «Fulham» toparynda bolsa Smit-Rowuň (45+2), Aleks Iwobiniň (57) hem-de Çukwuezeniň (72, 78) gollary ýeňşe ýetmedi. Foden soňky 2 duşuşykda 4 gezek tapawutlandy.

Duşuşykda hasaby açan Erling Holannyň «Premier Ligada» geçiren gollarynyň sany 100-e ýetdi. Norwegiýaly ýyldyz hüjümçä 100 gola ýetmek üçin 111 oýun gerek bolup, ol bu ugurda Alan Şireriň rekordyny täzeledi (124 oýunda 100 gol). Ýagny APL-de bu görkezijä iň çalt ýeten futbolçy rekordynyň täze eýesi bolan Holann 100 gol salan 35-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Holann APL-de 22 klubuň derwezesinden gol geçirmegi başardy. Ol iň köp goly «Wulwerhemptonyň» derwezesinden geçirip, Holann «Mançester Sitiniň» bu klub bilen duşuşan oýunlarynda 10 gezek tapawutlandy. Holann «West Hamyň» derwezesinden 9, «Mançester Ýunaýtediň» torundan 8, «Fulhamyň» derwezesinden 7, «Kristal Palas», «Braýton», «Ewerton» toparlarynyň derwezelerinden 6 gol geçirdi. Ol «Luton Tawn», «Şeffild Ýunaýted», «Nýukasl», «Aston Willa» toparlarynyň derwezesindenem 1 gol geçirmegiň hötdesinden geldi. Holann APL-de 100 gol geçiren 15-nji daşary ýurtly futbolçy (angliýaly bolmadyk) boldy.

Sanawyň lideri «Arsenal» London derbisinde myhmançylykda «Çelsi» bilen 1-1 oýnap (Çaloba 48 — Merino), 14-nji tapgyrda başga



bir London derbisinde «Brentfordy» Merinonyň hem-de Sakanyň gollary esasynda 2-0 hasabynda ýeňdi. «Çelsi» bolsa 14-nji tapgyrda myhmançylykda «Lids Ýunaýtedden» 3-1 hasabynda utuldy. Çempion «Liwerpul» 13-nji tapgyrda myhmançylykda West Hamy» Isakyň hem-de Gakponyň gollary esasynda 2-0 hasabynda ýeňdi. 14-nji tapgyrda bolsa öz meýdançasynda «Sanderland» bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady. 13-nji tapgyrda «Wulwerhemptony» 1-0, soňra myhmançylykda «Braýtony» garşydaşynyň 2-0 öňe geçendigine garamazdan, 4-3 hasabynda ýeňen «Aston Willa» 3-nji orna beýgeldi.

# «Barselona» birinjilige beýgeldi



Ispaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri üýtgäp, «Barselona» 1-nji orna beýgeldi. Katalonlar öz meýdançasynda «Alawes» bilen duşuşyp, myhmanlar entek 1-nji minut hem dolmanka Ibaniesiň goly bilen öňe saýlandy. Ýöne ýer eýeleri dessine Ýamalyň goly esasynda hasaby deňlemegi başardy. Soňlugy bilen Dani Olmo 2 gezek tapawutlanyp, «Barselona» 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Real Madrid» bolsa «Žironanyň» myhmany bolup, olara ýeňiş gazanmak başartmady. Madridliler 3 tapgyrdan bäri duşuşyklaryny myhmançylykda geçirip, şolaryň üçüsinde-de deňme-deň oýnady we zerur bolan 6 utugy ýitirdi. «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Owiedony» Aleksander Sörlotyň 16-njy we 26-njy minutlarda geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. Andalusiýa derbisinde «Betis» myhmançylykda «Sewilýadan» Fornals hem-de Altmiranyň gollary bilen 2–0 hasabynda üstün çykdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Wilýarreal» myhmançylykda «Real Sosiedady» Moleýronyň 90+5-nji minutda salan goly bilen 3–2 hasabynda utup, ýeňişli ýörişini dowam etdirýär.

Geljek ýylyň ýanwar aýynda geçiriljek Super Kubogy duşuşyklary sebäpli 19-njy tapgyryň 2 duşuşygy wagtyndan öň oýnaldy. Şolarda «Barselona» öz meýdançasynda «Atletiko Madridi» 3–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Baenanyň (19) goly bilen ilkinji bolup hasaby myhmanlar açsa-da, ýer eýeleri Rafinýa (26), Olmo (65), Torresiň (90+6) gollary bilen ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda 36-njy minutda Lewandowski 11 metrlik jerime urgusyndan dürs peýdalanyp bilmedi. «Real Madrid» bolsa myhmançylykda «Atletik Bilbao» bilen duşuşyp, 3–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Çempionatda 3 oýundan soň 3 utuk alan «Realyň» gollarynyň 2-sini Kilian Mbappe (7, 59), beýlekisini bolsa Kamawinga (42) derweзä girizdi.



## Kubok ýaryşlary

► Italiýanyň Kubogy ýaryşynda 1/8 finalyň 4 duşuşygy geçirilip, esasy dalaşgärleri çärýek finala çykdy. «Ýuwentus» «Udinezeni» 2-0 (Palma 23 ö.d., Lokatelli 68 p), «Atalanta» «Jenoany» 4-0 (Džimsiti 19, De Roon 54, Paşaliç 82, Ahanor 90+1), «Inter» «Wenesiýany» 5-1 (Diuf 18, Esposito 20, Turam 34, 51, Bonni 76 – Sagradi 66) hasaplar bilen ýeňdi. «Napoli» bolsa «Kaliarini» esasy wagty deňlikde tamamlanan oýunda 11 metrlik jerime urgularynyň netijesinde ýaryşdan çykarmagy başardy (1-1, 9-8 p).



► Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda 1/8 finalyň oýunlary geçirilip, çempionatda utulan «Baýer» myhmançylykda «Borussiýa Dortmundy» Mazanyň 34-nji minutdaky goly bilen ýeňdi we güýçli garşydaşyny ýaryşdan çykardy. «Bawariýa» Berlinde «Union bilen duşuşdy. 3-2 hasabynda ýeňiş gazanan münhenlileriň 2 pökgüsi awtogol boldy. Duşuşykda ýer eýelerinden Kuerfeld (40 p, 55 p), myhmanlarda Ansah (12 ö.d.), Keýn (24), Leite (45+4 ö.d.) tapawutlandy.

► 1/8 finalyň duşuşyklary: Herta – Kaizerslautern: 6-1, Borussiýa M – Sankt-Pauli: 1-2, Leipsig – Magdeburg: 3-1, Borussiýa D – Baýer: 0-1, Fraýburg – Darmştadt: 2-0, Bohum – Ştutgart: 0-2, Hamburg – Holştaýn Kiel: 1-1 (2-4 p), Union Berlin – Bawariýa: 2-3.

### PREMIER LEAGUE (14) — 31 gol

**Bornmut—Ewerton: 0–1** (Griliş 78), **Fulham—Man. Siti: 4–5** (Smit Row 45+2 Iwobi 57, Çukwueze 72, 78 — Holann 17, Reýnders 37, Foden 44, 48, Berge 54 ö.d.), **Nýukasl—Tottenham: 2–2** (Gimaraýns 71, Gordon 86 p — Romero 78, 90+5), **Arsenal—Brentford: 2–0** (Merino 11, Saka 90+1), **Börnli—K. Palas: 0–1** (Munios 44), **Braýton—Aston Willa: 3–4** (Wan Hekke 9, 83, Pau Torres 29 ö.d. — Wotkins 37, 45+7, Onana 60, Malen 78), **Wulwerhempton—N. Forest: 0–1** (Žesus 72), **Liwerpul—Sanderland: 1–1** (Mukiele 81 ö.d. — Talbi 67), **Lids—Çelsi: 3–1** (Biýop 6, Tanaka 43, Kalwert-Lýuwin 72 — Pedru Neto 50), **M. Ýunaýted—West Ham**

### LA LIGA (14) — 25 gol

**Hetafe—Elçe: 1–0** (Arambarri 56), **Malýorka—Osasuna: 2–2** (Muriki 62 p, 66 — Raul Garsiýa 82, Boýomo 90+2), **Barselona—Alawes: 3–1** (Ýamal 8, Olmo 26, 90+3 — Ibanies 1), **Lewante—Atletik: 0–2** (Nawarro 3, Niko Williams 44), **Atletiko—Owiedo: 2–0** (Sörlot 16, 26), **R. Sosiedad—Wilýarreal: 2–3** (Soler 60, Barreneçea 87 — Aýose Peres 31, Moleýro 57, 90+5), **Sewilýa—Betis: 0–2** (Fornals 54, Altimira 69), **Selta—Espanýol: 0–1** (Kike Garsiýa 87), **Žirona—Real Madrid: 1–1** (Unai 45 — Mbappe 67 p), **R. Wallekano—Walensiýa: 1–1** (Mendi 37 — Diego Lopes 64)

### SERIE A (13) — 23 gol

**Komo—Sassuolo: 2–0** (Duwikas 14, Moreno 53), **Parma—Udineze: 0–2** (Zaniolo 11, Dewis 65 p), **Jenoa—Werona: 2–1** (Kolombo 40, Torsbýu 62 – Belgali 21), **Ýuwentus—Kaliari: 2–1** (Ýyldyz 27, 45+1 — Esposito 26), **Milan—Lasio: 1–0** (Rafael Leao 51), **Leç,çe—Torino: 2–1** (Kulibali 20, Banda 22 — Adams 57), **Pisa—Inter: 0–2** (Lautara Martines 69, 83), **Atalanta—Fiorentina: 2–0** (Kossunu 41, Lukman 51), **Roma—Napoli: 0–1** (Neres 36), **Bolonýa—Kremoneze: 1–3** (Orsolini 45+3 p — Paýero 31, Wardi 34, 50)

### BUNDESLIGA (12) — 24 gol

**Borussiýa M—Leipsig: 0–0, Hoffenhaým—Augsburg: 3–0** (Ture 16, Burger 26, Seziger 45 ö.d.), **Union Berlin—Haýdenhaým: 1–2** (Hedira 43 — Şimmer 90, Şöppner 90+5), **Werder—Köln: 1–1** (Fridl 22 — El Mala 90+1), **Bawariýa—Sankt-Pauli: 3–1** (Gerreýro 44, Diaz 90+3, Jekson 90+6 — Huntondži 6), **Baýer—Borussiýa D: 1–2** (Kofane 83 — Anselmino 41, Adeýemi 65), **Hamburg—Ştutgart: 2–1** (Glates 17, Wieira 90+4 – Undaw 54), **Aýntraht—Wolfsburg: 1–1** (Batşuaýi 90+6 p — Zenter 67), **Fraýburg—Maýns: 4–0** (Kübler 12, Grifo 26, Manzambi 50, Osterhage 90)

### LIGUE 1 (14) — 22 gol

**Mets—Renn: 0–1** (Ronžie 22), **Monako—PSŽ: 1–0** (Minamino 68), **Pariž—Oser: 1–1** (Kebbal 32 p — Diomande 40), **Marsel—Tuluza: 2–2** (Paýşao 66, Hýoýberg 74 — Emerson 14, Idalgo 90+2), **Starsbur—Brest: 1–2** (Amo-Ameýo 11 — Del Kastilýo 55 p, Manietti 82), **Loriýan—Nissa: 3–1** (Aberžal 31, Sumano 45+2, 53 — Awom 12 ö.d.), **Le Hawr—Lill: 0–1** (Igaman 88), **Anže—Lans: 1–2** (Jibirin 76 — Towen 45, 74), **Lion—Nant: 3–0** (Abner 51, Satriano 70, 77)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 14 | 10 | 3 | 1 | 27-7 | 33 |
| 2 | MAN. SITI | 14 | 9 | 1 | 4 | 32-16 | 28 |
| 3 | ASTON WILLA | 14 | 8 | 3 | 3 | 20-14 | 27 |
| 4 | ÇELSI | 14 | 7 | 3 | 4 | 25-15 | 24 |
| 5 | KRISTAL PALAS | 14 | 6 | 5 | 3 | 18-11 | 23 |
| 6 | SANDERLAND | 14 | 6 | 5 | 3 | 18-14 | 23 |
| 7 | BRAÝTON | 14 | 6 | 4 | 4 | 24-20 | 22 |
| 8 | LIWERPUL | 14 | 7 | 1 | 6 | 21-21 | 22 |
| 9 | M. ÝUNAÝTED | 13 | 6 | 3 | 4 | 21-20 | 21 |
| 10 | EWERTON | 14 | 6 | 3 | 5 | 15-17 | 21 |
| 11 | TOTTENHAM | 14 | 5 | 4 | 5 | 23-18 | 19 |
| 12 | NÝUKASL | 14 | 5 | 4 | 5 | 19-18 | 19 |
| 13 | BRENTFORD | 14 | 6 | 1 | 7 | 21-22 | 19 |
| 14 | BORNMUT | 14 | 5 | 4 | 5 | 21-24 | 19 |
| 15 | FULHAM | 14 | 5 | 2 | 7 | 19-22 | 17 |
| 16 | N. FOREST | 14 | 4 | 3 | 7 | 14-22 | 15 |
| 17 | LIDS | 14 | 4 | 2 | 8 | 16-26 | 14 |
| 18 | WEST HAM | 13 | 3 | 2 | 8 | 15-27 | 11 |
| 19 | BÖRNLI | 14 | 3 | 1 | 10 | 15-28 | 10 |
| 20 | W. HEMPTON | 14 | 0 | 2 | 12 | 7-29 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 15 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 11 |
| 3 | Danni WELBEK (Braýton) | 7 |
| 4 | Žan-Filipp MATETA (K. Palas) | 7 |
| 5 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 6 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 13 | 10 | 2 | 1 | 28-12 | 32 |
| 2 | BARSELONA | 13 | 10 | 1 | 2 | 36-15 | 31 |
| 3 | WILÝARREAL | 13 | 9 | 2 | 2 | 26-11 | 29 |
| 4 | ATLETIKO M | 13 | 8 | 4 | 1 | 25-11 | 28 |
| 5 | BETIS | 13 | 5 | 6 | 2 | 20-14 | 21 |
| 6 | ESPANÝOL | 13 | 6 | 3 | 4 | 17-16 | 21 |
| 7 | HETAFE | 13 | 5 | 2 | 6 | 12-15 | 17 |
| 8 | ATLETIK B | 13 | 5 | 2 | 6 | 12-17 | 17 |
| 9 | R. SOSIEDAD | 13 | 4 | 4 | 5 | 17-18 | 16 |
| 10 | ELÇE | 13 | 3 | 7 | 3 | 15-16 | 16 |
| 11 | SEWILÝA | 13 | 5 | 1 | 7 | 19-21 | 16 |
| 12 | SELTA | 13 | 3 | 7 | 3 | 16-18 | 16 |
| 13 | R. WALLEKANO | 13 | 4 | 4 | 5 | 12-14 | 16 |
| 14 | ALAWES | 13 | 4 | 3 | 6 | 11-12 | 15 |
| 15 | WALENSIÝA | 13 | 3 | 4 | 6 | 12-21 | 13 |
| 16 | MALÝORKA | 13 | 3 | 3 | 7 | 13-20 | 12 |
| 17 | OSASUNA | 13 | 3 | 2 | 8 | 10-16 | 11 |
| 18 | ŽIRONA | 13 | 2 | 5 | 6 | 12-25 | 11 |
| 19 | LEWANTE | 13 | 2 | 3 | 8 | 16-24 | 9 |
| 20 | OWIEDO | 13 | 2 | 3 | 8 | 7-20 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 16 |
| 2 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 8 |
| 3 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 8 |
| 4 | Ferran TORRES (Barselona) | 8 |
| 5 | Hulian ALWARES (Atletiko) | 7 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MILAN | 13 | 8 | 4 | 1 | 19-9 | 28 |
| 2 | NAPOLI | 13 | 9 | 1 | 3 | 20-11 | 28 |
| 3 | INTER | 13 | 9 | 0 | 4 | 28-13 | 27 |
| 4 | ROMA | 13 | 9 | 0 | 4 | 15-7 | 27 |
| 5 | BOLONÝA | 13 | 7 | 3 | 3 | 22-11 | 24 |
| 6 | KOMO | 13 | 6 | 6 | 1 | 19-7 | 24 |
| 7 | ÝUWENTUS | 13 | 6 | 5 | 2 | 17-12 | 23 |
| 8 | LASIO | 13 | 5 | 3 | 5 | 15-10 | 18 |
| 9 | UDINEZE | 13 | 5 | 3 | 5 | 14-20 | 18 |
| 10 | KREMONEZE | 13 | 4 | 5 | 4 | 16-17 | 17 |
| 11 | SASSUOLO | 13 | 5 | 2 | 6 | 16-16 | 17 |
| 12 | ATALANTA | 13 | 3 | 7 | 3 | 16-14 | 16 |
| 13 | TORINO | 13 | 3 | 5 | 5 | 12-23 | 14 |
| 14 | LEÇÇE | 13 | 3 | 4 | 6 | 10-17 | 13 |
| 15 | KALIARI | 13 | 2 | 5 | 6 | 13-19 | 11 |
| 16 | JENOA | 13 | 2 | 5 | 6 | 13-20 | 11 |
| 17 | PARMA | 13 | 2 | 5 | 6 | 9-17 | 11 |
| 18 | PISA | 13 | 1 | 7 | 5 | 10-18 | 10 |
| 19 | FIORENTINA | 13 | 0 | 6 | 7 | 10-21 | 6 |
| 20 | WERONA | 13 | 0 | 6 | 7 | 8-20 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 6 |
| 2 | Lautara MARTINES (Inter) | 6 |
| 3 | Niko PAZ (Komo) | 5 |
| 4 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 5 |
| 5 | Rafael LEAO (Milan) | 5 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 12 | 11 | 1 | 0 | 44-9 | 34 |
| 2 | LEIPSIG | 12 | 8 | 2 | 2 | 22-13 | 26 |
| 3 | BORUSSIÝA D | 12 | 7 | 4 | 1 | 21-11 | 25 |
| 4 | BAÝER | 12 | 7 | 2 | 3 | 28-17 | 23 |
| 5 | HOFFENHAÝM | 12 | 7 | 2 | 3 | 25-17 | 23 |
| 6 | ŞTUTGART | 12 | 7 | 1 | 4 | 21-17 | 22 |
| 7 | AÝNTRAHT | 12 | 6 | 3 | 3 | 28-23 | 21 |
| 8 | FRAÝBURG | 12 | 4 | 4 | 4 | 19-20 | 16 |
| 9 | WERDER | 12 | 4 | 4 | 4 | 16-21 | 16 |
| 10 | KÖLN | 12 | 4 | 3 | 5 | 21-20 | 15 |
| 11 | UNION BERLIN | 12 | 4 | 3 | 5 | 15-19 | 15 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 12 | 3 | 4 | 5 | 16-19 | 13 |
| 13 | HAMBURG | 12 | 3 | 3 | 6 | 11--18 | 12 |
| 14 | AUGSBURG | 12 | 3 | 1 | 8 | 15-27 | 10 |
| 15 | WOLFSBURG | 12 | 2 | 3 | 7 | 14-22 | 9 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 12 | 2 | 2 | 8 | 10--27 | 8 |
| 17 | SANKT-PAULI | 12 | 2 | 1 | 9 | 10--24 | 7 |
| 18 | MAÝNS | 12 | 1 | 3 | 8 | 11--23 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 14 |
| 2 | Jonatan BURKARDT (Aýntraht) | 8 |
| 3 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 7 |
| 4 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 7 |
| 5 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 7 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LANS | 14 | 10 | 1 | 3 | 24-12 | 31 |
| 2 | PSŽ | 14 | 9 | 3 | 2 | 27-12 | 30 |
| 3 | MARSEL | 14 | 9 | 2 | 3 | 35-14 | 29 |
| 4 | LILL | 14 | 8 | 2 | 4 | 28-17 | 26 |
| 5 | RENN | 14 | 6 | 6 | 2 | 24-18 | 24 |
| 6 | LION | 14 | 7 | 3 | 4 | 21-15 | 24 |
| 7 | MONAKO | 14 | 7 | 2 | 5 | 26-25 | 23 |
| 8 | STRASBUR | 14 | 7 | 1 | 6 | 25-19 | 22 |
| 9 | TULUZA | 14 | 4 | 5 | 5 | 20-19 | 17 |
| 10 | NISSA | 14 | 5 | 2 | 7 | 19-26 | 17 |
| 11 | BREST | 14 | 4 | 4 | 6 | 19-24 | 16 |
| 12 | ANŽE | 14 | 4 | 4 | 6 | 12--17 | 16 |
| 13 | PARIŽ | 14 | 4 | 3 | 7 | 21-26 | 15 |
| 14 | LE HAWR | 14 | 3 | 5 | 6 | 13-21 | 14 |
| 15 | LORIÝAN | 14 | 3 | 5 | 6 | 18-28 | 14 |
| 16 | NANT | 14 | 2 | 5 | 7 | 12--22 | 11 |
| 17 | METS | 14 | 3 | 2 | 9 | 14-31 | 11 |
| 18 | OSER | 14 | 2 | 3 | 9 | 8--20 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 10 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 9 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 8 |
| 4 | Sofiýan DIOP (Nissa) | 6 |
| 5 | Ilan KEBBAL (Pariž) | 6 |

# 90-njy minutdan soň gelen ýeňişler

**Germaniýanyň çempionatynda** 12-nji tapgyrda 90-njy minutdan soň geçirilen gollar köp bolup, şol



gollar toparlara ýeňiş getirdi. Sanawyň ýeňlişsiz lideri «Bawariýa» öz meýdançasynda «Sankt-Pauli» topary bilen duşuşyp, myhmanlar 6-njy minutda Huntodžiniň goly bilen öňe geçdi. Ýer eýeleri 44-nji minutda Gerreýronyň takyk urgusy bilen hasaby deňläp, olara ýeňiş gollaryny 90-njy minutdan soň geçirmek başartdy. Şonuň ýaly «Haýdenhaým» myhmançylykda «Union Berlini» ýer eýeleriniň öňe geçendigine garamazdan, 90-njy minutdan soň geçiren gollary bilen ýeňmegiň hötdesinden geldi. Öz meýdançasynda «Ştutgart» bilen duşuşan «Hamburg» hem 90+4-nji minutda Wieiranyň goly esasynda ýeňşini baýram etdi. «Aýntraht» bolsa öz meýdançasynda «Wolfsburgy» kabul edip, Batşuaýiniň 90+6-njy minutda 11 metrlik jerime urgusynda salan goly bilen ýeňlişden halas boldy. «Baýer» bilen «Borussiýa Dortmund» toparlarynyň arasyndaky oýunda myhmanlar 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy.

### Liderlik gezegi «Milanda»

● **Italiýanyň çempionatynda** bassyr 4 tapgyrdan bäri sanawyň lideri üýtgäp gelýär. Geçen tapgyrda «Interi» iň kiçi hasap bilen ýeňen «Milan» öz meýdançasynda «Lasiodan» Rafael Leaonyň 51-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňşini baýram etdi. Yzly-yzyna 3





tapgyrda 1–0 hasaplar bilen ýeňiş gazanan we 12 oýundan bäri utulman gelýän «Milan» 1-nji orna beýgeldi. Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Napoli» Rimde «Romany» Neresiň 36-njy minutda geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňdi. Myhmançylykda «Pisany» 2–0 hasabynda ýeňen «Interiň» gollarynyň ikisini hem Lautara Martines öz adyna ýazdyrdy. «Ýuwentus» topary öz meýdançasynda «Kaliarini» Kenan Ýyldyzyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** edil Italiýadyr Ispaniýadaky ýaly sanawyň lideri üýtgedi. Çempion PSŽ topary myhmançylykda «Monakodan» 1–0 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 68-nji minutda Minamino geçirdi. «Marsel» topary öz meýdançasynda «Tuluza» bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda öňe geçse-de, 90-njy minutdan soň hem ýeňşi, hem-de liderligi elden giderdi. Myhmançylykda «Anže» toparyndan Florian Toweniň gollary esasynda 2–1 hasabynda üstün çykan «Lans» topary sanawyň birinji basgançagyna beýgeldi.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Şu gün Dünýä Kubogy 2026-nyň bijeleri çekilýär

**Geljek ýylyň tomsunda ilkinji gezek 3 ýurduň – Demirgazyk Amerika döwletleri Meksikadyr ABŞ-nyň hem-de Kanadanyň bilelikde guramagynda geçiriljek 23-nji FIFA Dünýä Kubogynyň saýlama duşuşyklarynyň toparçalaýyn tapgyry tamamlandy. Ilkinji gezek 48 ýygyndynyň gatnaşjak iň uly futbol ýaryşynyň 42 topary häzirlikçe belli bolup, galan 6-sy geljek ýylyň mart aýynda kesgitlener. Şeýle-de, şu gün Dünýä Kubogy 2026-nyň toparçalarynyň bijeleri çekiler.**



Gatnaşýan ýygyndylaryň sanynyň 32-den 48-e çykarylmagy bilen baglanyşykly, çempionata ilkinji gezek wekilçilik etjek toparlaryň bolşy ýaly, futbolyň öňdebaryjy ýurtlarynyň arasynda çempionatyň daşynda galanlary-da bar.

### Gattuzonyň zeýrenji

Dünýäniň 4 gezek çempiony Italiýanyň ýygyndysy toparçasynda Norwegiýanyň ýygyndysyna hötde gelip bilmän, 2 oýunda-da ýeňlişe sezewar boldy we pleý-off tapgyryna galdy. Başgaça aýdylanda, soňky 2 Dünýä Kubogynyň daşynda galan italýanlaryň bu şowsuz statistikasynyň yzly-yzyna 3-nji gezek hem gaýtalanmagy mümkin. Italiýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi Jennaro Gattuzo saýlama tapgyryň geçiriliş tertibinden zeýrenip: — 1990-njy ýylda Afrikadan 2 ýygyndy gatnaşýardy, indi olaryň sany 8-e ýetdi. Şol bir wagtyň özünde öňler UEFA-nyň saýlama tapgyrynda 2-nji orny eýelänler hem gidýärdi. Geçiriliş ulgamy o diýen kanagatlanarly däl. Mysal üçin, Günorta Amerikanyň 10 ýygyndysynyň 6-sy Dünýä Kubogyna gatnaşýar, 7-nji toparyň hem pleý-offdan gatnaşmak mümkinçiligi bar. Ýewropanyň 55 ýygyndysynyň 16-sy ýaryşa alynýar. Meniň pikirimçe, FIFA bu meselä seretmelimikä diýýärin – diýip, beýanat berdi.



Çempionata ilkinji gezek gatnaşýan ýurtlaryň sany 4-e deň bolup, olaryň 2-si Aziýadan Özbegistanyň hem-de Iordaniýanyň ýygyndylary, beýlekileri-de Afrikadan Kabo Werdeniň we Demirgazyk we Merkezi Amerika, Karibler sebitinden Kýurasaonyň ýygyndylarydyr. Kabo Werdeniň ýygyndysy Dünýä Kubogyna gatnaşjak iň az ilatly ýurt bolupdy. Ýöne olaryň bu rekordy uzak dowam etmän, 155 müň ilatly Kýurasao döwletiniň milli ýygyndysy rekordyň täze eýesi boldy.

### 28 ýyllyk arakesme tamamlandy

Dünýä Kubogy 2026-a gatnaşýan ýurtlaryň 3-si soňky gezek 1998-nji ýylda Fransiýada geçirilen çempionata wekilçilik edipdiler. Olar Ýewropa ýurtlary bolan Norwegiýadyr Şotlandiýanyň hem-de Awstriýanyň ýygyndylarydyr. Düzüminde Holann, Edegor, Sörlot ýaly ýyldyz oýunçylary bolan Norwegiýanyň ýygyndysy soňky gezek çempionata gatnaşanda, şol oýunçylaryň käbirleri entek dünýä hem inmändi. Norwegiýanyň ýygyndysy toparçada başdan-aýak erjel oýun görkezip, Italiýa ýaly güýçli ýygyndyny 2 ýerde-de ýeňmegi başardy we 28 ýyllyk arakesmäni tamamlady. Edil şonuň ýaly britan futbolynyň wekili Şotlandiýanyň ýygyndysy, esasan hem, soňky oýunlarda has erjellik görkezip, 28 ýyldan soň futbolyň iň uly baýramçylygynyň wekili bolmagy başardy. Şotlandlaryň bu başarnygyna toparyň ýyldyzy Skott MakTomineýiň goşandynyň diýseň uly bolandygyny aýratyn bellemek gerek. Çärýek asyr gowrak wagtdan bäri Dünýä Kubogyna gatnaşmagy arzuw edip gelýän Awstriýanyň futbolçylaryna hem ahyry maksatlaryna ýetmek başartdy. Norwegiýa taryhynda 4-nji, Şotlandiýa bilen Awstriýa bolsa 9-njy gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýar. Şeýle-de, Şotlandiýanyň ýygyndysy 7-nji gezek Angliýanyň ýygyndysy bilen bilelikde wekilçilik eder. Ýeri gelende bellesek, Şotlandiýanyň ýygyndysy 1950-nji ýyldaky Dünýä Kubogyna-da gatnaşmaga hukuk gazanypdy, ýöne dürli sebäplere görä, çempionatda oýnamakdan ýüz öwrüpdi.



### Iň az ilatly ýurt

Ýaryşyň Demirgazyk Amerikadaky 3 ýurtda geçirilmegi KONKAKAF sebitinden goşmaça 3 ýygynda hem mümkinçilik döretdi. KONKAKAF-yň esasy toparlarynyň ýer eýesi bolmagy beýleki pesräk toparlar üçin ýollanma almaga pursat boldy. Netijede, Kýurasao ýaly köpleriň adyny hem ilkinji eşidýän ýurdy indiki ýyl geçiriljek çempionata gatnaşar.

### Soňky gezek 1974-nji ýylda gatnaşypdy

KONKAKAF-dan ýollanma alan ýene bir ýygyndy bolsa Gaitiniň milli toparydyr. Ykdysady babatda ýeňil bolmadyk günleri başdan geçirýän Gaitiniň futbol boýunça milli topary mundan öň bir gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik edipdi. 1974-nji ýyldaky çempionata gatnaşan Gaitiniň ýygyndysy 52 ýyldan soň futbolyň iň uly baýramçylygynda orun alar. Panamanyň ýygyndysy hem mundan öň diňe 2018-nji ýyldaky çempionata gatnaşypdy we bu olaryň 2-nji synanyşygy bolar.



Afrikadan yklymyň güýçli ýygyndylaryndan Nigeriýanyň, şol sanda Kamerunyň gatnaşmaýan çempionatyna Kabo Werdeniň ýygyndysy ilkinji gezek wekilçilik eder. Şol sanda mundan öň soňky gezek 2010-njy ýylda ýer eýesi hökmünde gatnaşan Günorta Afrikanyň milli topary hem 16 ýyllyk arakesmeden soň futbol janköýerlerini begendirmegi başardy.

### Aziýadan 2 debýutant

Aziýadan 2 sany milli topar debýutant bolup, olaryň biri Özbegistanyň, beýlekisi-de Iordaniýanyň milli ýygyndylarydyr. 2022-nji ýylda ýer eýesi hökmünde ilkinji gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik eden Kataryň ýygyndysy bu sapar saýlama tapgyryndan gatnaşmagy başardy. Gatnaşýan galan toparlar bolsa, käbirleri wagtal-wagtal arakesme berse-de, yzygiderli çykyş edip gelýän ýygyndylardyr.

### Iň netijeli futbolçy Holann

Saýlama tapgyrynda ähli yklymlary hasaba alanyňda, Erling Holann 16 gol bilen iň netijeli oýunçy boldy. Katarly Almoez Ali 12, alžirli Mohamed Amura, eýranly Mehdi Taremi, koreýaly Son Hyn Min 10, müsürli Mohamed Salah, Täze zelandiýaly Kris Wud hem-de iordaniýaly Ali Owan 9 gol geçirdi.



### Pleý-off tapgyry

Pleý-off tapgyrlary barada hem belläp geçsek, Ýewropadan 16 ýygyndy 4 orun üçin bäsleşer. 2 oýunda üstün çykan 4 ýygyndy final tapgyryna goşular. Şolaryň arasynda Italiýanyň, häzirki wagtda ýyldyzlary köp bolan Türkiýäniň, şol sanda UEFA Milletler Ligasyndaky başarnygy esasynda goşulan Şwesiýanyň, liderligi soňky 2 oýunda Şotlandiýa aldyran Daniýanyň ýygyndylary hem bar.

Yklymlararasy pleý-off duşuşyklarynda-da Afrikadyr Aziýanyň wekilleri diňe bir duşuşyk geçirerler. Ýagny şol wagtky ady Zair bolan Kongo DR-niň ýygyndysy mundan öň diňe 1974-nji ýyldaky çempionata, Yragyň ýygyndysy bolsa 1986-njy ýyldaky Dünýä Kubogyna gatnaşypdy. Kongo DR-niň ýygyndysynyň garşydaşy Ýamaýkanyň ýa-da Täze Kaledoniýanyň ýygyndysy bolar. Yragyň ýygyndysy bolsa Boliwiýa ýa-da Surinamyň milli topary bilen duşuşar.

### Käbir statistikalar

Dünýä Kubogy ilkinji gezek 3 ýurtda geçirilýär. Çempionat geljek ýylyň 11-nji iýunynda başlap, 19-njy iýulynda tamamlanar. 16 şäherde geçiriljek çempionatyň guraýjylarynyň biri bolan Meksika Dünýä Kubogyny 3-nji gezek kabul eder. Meksika Dünýä Kubogyny 3 gezek guran ilkinji ýurt bolar.

Braziliýanyň ýygyndysy 23-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşyp, sambaçylar ähli çempionata wekilçilik eden ýeke-täk topardyr.

Soňky gezek 1950-nji ýylda, ondan öňem 1930-njy ýylda gatnaşmadyk Germaniýanyň ýygyndysy bassyr 19-njy, umumylykda 21-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş eder.




Häzirki çempion Argentina bassyr 14-nji, umumylykda 19-njy gezek çempionata wekilçilik eder. Ispaniýa yzly-yzyna 13-nji, Koreýa Respublikasynyň milli topary-da 11-nji gezek çempionata gatnaşar.

Çempionlygyň dalaşgärlerinden Fransiýadyr Angliýanyň ýygyndylary, şol sanda Ýaponiýanyň ýygyndysy bassyr 8-nji ýola Dünýä Kubogynda oýnar.

Häzirki wagtda belli bolan 42 ýygyndynyň 26-sy Katar 2022-ä hem gatnaşypdy.

### Bije çekiliş paýtagtda

Toparçalaryň bije çekiliş dabarasy şu gije geçiriler. ABŞ-nyň paýtagty Waşingtondaky «Kennedy Center» binasynda geçiriljek bije çekilişe Rio Ferdinand, Weýn Gretski, Tom Bredi, Eli Manning, Şakil O'Nil, Aaron Jaj, Kewin Hart, Heýdi Klum, Denni Ramires, Nikol Şerzinger, Andrea Boçelli, Robbi Williams ýaly tutuş dünýäde tanylýan dürli ugurlaryň wekilleriniň hem gatnaşmagyna garaşylýar. Bije çekiliş dabarasy Aşgabat wagty bilen 22:00-da başlanar we birnäçe teleýaýlym arkaly halk köpçüligine ýetiriler.

**1-nji torba:** Kanada, Meksika, ABŞ, Ispaniýa, Argentina, Fransiýa, Angliýa, Braziliýa, Portugaliýa, Niderlandlar, Belgiýa, Germaniýa.

**2-nji torba:** Horwatiýa, Marokko, Kolumbiýa, Urugwaý, Şweýsariýa, Ýaponiýa, Senegal, Eýran, Koreýa Respublikasy, Ekwador, Awstriýa, Awstraliýa.

**3-nji torba:** Norwegiýa, Panama, Müsür, Alžir, Şotlandiýa, Paragwaý, Tunis, Kot-d'Iwuar, Özbegistan, Katar, Saud Arabystany, Günorta Afrika.

**4-nji torba:** Iordaniýa, Kabo Werde, Gana, Kýurasao, Gaiti, Täze Zelandiýa, UEFA pleý-offuň ýeňijileri (A, B, C, D), Yklymlararasy pleý-offuň ýeňijileri (1, 2).

*Gazetiň sport synçysy.*

# Soňky 7 ýylda 3-nji gezek

**Günorta Amerikanyň Çempionlar Ligasy bolan Libertadores Kubogy ýaryşynda ýene-de brazil kluby çempionlyk gazandy. Perunyň paýtagty Limadaky «Monumental» stadionynda oýnalan finalda Braziliýanyň 2 kluby — «Flamengo» bilen «Palmeiras» toparlary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýna argentinaly Dario Herrera eminlik etdi.**




Oýnuň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. 2-nji ýarymda, has takygy, duşuşygyň 67-nji minutynda burçdan ýerine ýetirilen urguda topy kellesi bilen derweze girizen Danili hasaby açdy. Karýerasy boýunça «Porto», «Real Madrid», «Mançester Siti», «Ýuwentus» ýaly klublarda oýnan 34 ýaşyndaky terjibeli goragçynyň geçiren goly duşuşygyň ýeňijisini kesgitledi. Şeýlelikde, 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Flamengo» topary 4-nji gezek Libertadores Kubogynyň ýeňijisi boldy. Soňky 7 ýylda 3-nji gezek kubogy eýelän riolylar mundan öň 1981-nji, 2019-njy, 2022-nji ýyllarda ýeňiş gazanypdy. Toparyň soňky gazanan 3 çempionlygynyň hersiniň arasynda 2 ýyl bolmagy aýratyn bellenmäge mynasypdyr. «Flamengo» topary 2019-njy ýylda-da Limadaky «Monumental» stadionynda 2-nji çempionlygyny gazanypdy.

«Flamengo» topary bilen «Palmeiras» topary 2021-nji ýylda-da duşuşypdylar we şonda «Palmeiras» 2-1 hasabynda ýeňiş gazanypdy. 7 ýyldan bäri kubogy brazil klublary eýeläp (7 finalyň 5-sinde 2 brazil topary duşuşdy), bu ýurduň wekilleri umumylykda 25-nji gezek Libertadores Kubogyny asmana göterdi. Ýagny olar bu görkeziji boýunça argentin klublary bilen deňleşdi. Brazil klublary bu ýaryşda 20 gezek 2-nji orny eýelediler. Bu görkeziji argentin toparlary üçin 13-e deňdir.

### Futbolçylykda hem-de tälimçilikde

Düzüminde Žoržinio, Emerson Roýal, Danilo, Aleks Sandro, Bruno Henrike, Saul Nigues, Samuel Lino, De Arraskaeta ýaly ýyldyz oýunçylaryň çykyş edýän «Flamengo» toparyna ozalky futbolçy Filipe Luis tälim berip, 40 ýaşyndaky hünärmen geçen ýylyň sentýabrynda bu wezipä bellenipdi. Klub onuň tälimçiliginde Braziliýanyň Kubogyny, Super Kubogyny hem-de Kariokanyň çempionlygyny gazanyp, bu onuň 4-nji kubogydyr. «Atletiko Madrid», «Çelsi» ýaly klublarda oýnan Filipe Luis geçen ýylyň ýanwarynda «Flamengonyň» U17, iýun aýynda-da U20 toparyna tälim beripdi. Filipe Luis «Flamengonyň» Libertadores Kubogyny gazanan 2019-njy we 2022-nji ýyllarynda toparda çykyş edýärdi. Şunlukda, Filipe Luis Libertadores Kubogyny hem futbolçy, hem-de tälimçi hökmünde gazanan 9-njy şahsyýet hökmünde hasaba alyndy.



# 34 ýyldan soň çempion boldy

Norwegiýanyň çempionaty «Eliteserien»-de çempion soňky tapgyrda belli boldy. 30-njy tapgyrda sanawyň lideri «Wiking» topary öz meýdançasynda «Walerenga» toparyny 5-1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ýer eýelerine hem ýeňiş, hem-de çempionlyk getiren gollary Austbo, Roset, Tripiç, Haugen hem-de Askildsen geçirdi. Şeýlelikde, «Wiking» topary utugyny 71-e çykaryp, soňky 2 ýylyň çempiony «Bude-Glimt» bilen arasyndaky 1 utuklyk aratapawudy saklamagy başardy. Netijede, «Wiking» topary 1991-nji ýyldan, ýagny 34 ýyllyk arakesmeden soň taryhyndaky 9-njy çempionlygyny baýram etdi. 2021-nji ýylda we geçen möwsümde 3-nji orny eýeläp, çempionlygy buşlan «Wiking» topary mundan öňki 8 çempionlygyny 1958-nji, 1972-nji, 1973-nji, 1974-nji, 1975-nji, 1979-njy, 1982-nji hem-de 1991-nji ýyllarda gazanypdy.




Soňky 5 ýylda 4 gezek çempionlyk gazanan «Bude-Glimt» topary bu sapar 2-nji ýer bilen oňňut etmeli bolar. «Wiking» topary täze möwsümde Çempionlar Ligasyna pleý-off tapgyryndan, «Bude-Glimt» bolsa 2-nji saýlama tapgyryndan gatnaşar.

81-nji möwsümi tamamlanan Norwegiýanyň çempionatynda «Rosenborg» toparynyň 26 çempionlygy bolup, olar bäsdeşlerinden ep-esli öňde barýar. Soňky sapar 1961-nji ýylda çempionlyk gazanan «Fredrikstad» bilen «Wikingiň» 9 çempionlygy bar. «Molde», «Lilleström», «Walerenga» toparlary 5, «Bude-Glimt» topary hem 4 gezek çempion bolmagy başardy. Çempionatda jemi 17 klub çempionlyk gazandy.

# Messi 47-nji kubogyny gazandy

ABŞ-nyň çempionaty MLS-de adaty möwsümi 3-nji orunda tamamlan «Inter Maýami» topary Gündogar Konferensiýasynyň çempionlygyny gazandy. Gündogar Konferensiýanyň finalynda «Nýu Ýork FK» toparyny 5–1 hasabynda ýeňen «Inter Maýami» ilkinji gezek bu kubogy eýelemegi başardy. Duşuşykda toparyň gollarynyň 3-sini argentinaly Tadeo Allende, beýlekileri Silwetti bilen Segowiýa öz atlaryna ýazdyrdylar. Bu ýeňiş Lionel Messiniň karýerasyndaky 47-nji kubok hökmünde hasaba alyndy.




### Iň köp asist eden futbolçy

Duşuşykda toparynyň 3-nji golunyň pasyny beren argentinaly ýyldyz oýunçy Lionel Messiniň asistleriniň sany 405-e ýetdi. Şunlukda, 38 ýaşyndaky oýunçy resmi ýagdaýda hasaba alnan maglumatlar esasynda, futbolyň taryhynda iň köp asist eden futbolçy bolmagy başardy. Bu ugurda wengriýaly meşhur futbolçy Ferenç Puşkaşy yzda galdyran Lionel Messi mundan öňki duşuşykda-da 1 gol geçirip, 3 asist edipdi.

Günbatar Konferensiýada bolsa «Wankuwer Waýtkäps» topary çempionlyk gazandy. Kanadanyň Wankuwer şäheriniň wekili finalda «San Diego FK» toparyndan Braýan Waýtyň (8, 45+2) hem-de Pablo Sisnieganyň (11, ö.d.) gollary esasynda 3-1 hasabynda üstün çykdy.

Germaniýaly meşhur futbolçy Tomas Mülleriň çykyş edýän «Wankuwer Waýtkäps» topary bilen «Inter Maýaminiň» arasyndaky MLS Kubogynyň final duşuşygy 6-njy dekabrdan 7-nji dekabra geçilýän gije 00:30-da başlap, oýun «Inter Maýaminiň» stadiony «Chase Stadium»-da oýnalar. Iki topar hem 30-njy sapar geçirilýän MLS Kubogynyň finalynda ilkinji gezek duşuşyk geçirer.

Gazetiň kagyz nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
«Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutmak arkaly abuna ýazylyp bilersiňiz.

Gazetiň elektron nusgasyna nähili ýazylyp bolar?
ABONENT BOL
zamanturkmenistan.com.tm saýtynyň ýokarsyndaky ABONENT BOL düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň hepdelik PDF nusgasyny nädip alyp bolar?
PDF
zamanturkmenistan.com.tm saýtyndaky ZAMAN TÜRKMENISTAN PDF düwmesine ýa-da turkmenmetbugat.gov.tm saýtynda «Pudak gazet-žurnallary» bukjasyny saýlap Abuna ýazyl düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň mobil goşundysyny nähili ýükläp alyp bolar?
Android we iOS smartfonlarynda Google Play hem-de App store elektron dükanyndan zamanturkmenistan mobil goşundyny ýükläp, habarlar bilen dessine tanşyp bilersiňiz.

ZAMAN TÜRKMENISTAN INTERNATIONAL MEDIA
international media
Abuna – 2026
«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.
Täzelikleri täzeligine okaň!

